TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– MÄHRIBAN HALKYMYZYŇ JOŞGUNLY, TUTANÝERLI ZÄHMETI ESASYNDA JEMGYÝETIMIZDE HEM-DE YKDYSADYÝETIMIZDE ÝETILEN BELENT SEPGITLER TÄZE ÖSÜŞLERE BADALGA BERÝÄR.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

26-njy ýanwar, 2024. Belgisi 4/1570



# OBA HOJALYK IŞLERI TALABALAÝYK GURALÝAR

**22-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Maslahatyň barşynda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen bagly meselelere garaldy.**

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, şu günler bugdaý ekilen meýdanlarda geçirilýän ideg işleri agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar. Gowaça ekiljek meýdanlar ekişe taýýarlanylýar, hususan-da, sürüm, tekizleýiş we geriş çekmek işleri dowam edýär. Öňümizdäki ekiş möwsüminde işlediljek tehnikalary hem-de gurallary taýýarlamak bilen bir hatarda, pagtaçy kärendeçileri ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin tohumlyk çig maly pagta arassalaýjy kärhanalarda gaýtadan işlemek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Mundan başga-da, häkimler welaýatlarda ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekilmeli ýerlerini ekişe taýýarlamak boýunça, şeýle-de ekin meýdanlarynyň daş-töwereginde, suwaryş we şor suw akabalarynda geçirilýän işler barada hasabat berdiler.

Döwlet Baştutanymyz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli geçirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi hem-de welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda ýerine ýetirilýän ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berjaý etmek arkaly geçirilmegini häkimlere tabşyrdy. Şeýle-de, hormatly Prezidentimiz şu ýylyň hasyly üçin welaýatlaryň gowaça ekiljek meýdanlaryny, ýokary hilli gowaça tohumyny ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleriň depginleriniň ýokarlandyrylmagyny, gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine taýýarlyk görlüşini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Diýarymyzda gallanyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, geriş we çil çekmek işleri dowam edýär. Ekişde pagtaçy daýhanlary ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin pagta arassalaýjy kärhanalarda pagtany gaýtadan işläp, tohumlyk gowaça çigitlerini taýýarlamak işleri geçirilýär. Ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary, ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlaryny ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleriniň bellenen agrotehniki möhletlerde we ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň zerur talap bolup durýandygyny belledi hem-de şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek ýerleriň, pagta öndürijiler üçin ýokary hilli gowaça tohumlarynyň ekiş möwsümine taýýar edilmegini, bugdaý ekilen meýdanlardaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini, hususan-da, bu ekinleriň tohum üpjünçiligini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, Oba milli maksatnamasynda şu ýyl üçin göz öňünde tutulan wezipeleriň durmuşa geçirilmeginiň, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmeginiň möhümdigine ünsi çekdi we bu ugurdaky işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

## Ýaşlary bagtyýar geljege ugrukdyrýan eser



Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň çapdan çykyp halk köpçüligine gowuşmagy ähli watandaşlarymyz üçin «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylan täze ýylyň garşylanýan günlerinde mynasyp baýramçylyk sowgady boldy. Kitapda ýerleşdirilen ähli jümleleri okanyňda, körpeje çagalaryň, ýaşlarymyzyň dürli ugurlarda okaýan, döredýän, gurýan pursatlaryndan düşürilen suratlary synlanyňda ata Watanymyza, hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza bolan söýgiň has-da artýar. 3

## Hyzmatdaşlygyň täze gözýetimleri

unesco
Turkmenistan
National Commission

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň daşary syýasy ösüşinde belentden-belent işler amala aşyrylýar. Häzirki wagtda döwletimiz köp sanly halkara guramalaryň işjeň agzasy bolup, ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn ähmiýetli işler giňden durmuşa geçirilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet işleri boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan ÝUNESKO hem şolaryň biridir.** 3

## Gahryman Arkadagymyzyň kitaby ýapon dilinde neşir edildi

***Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly edebi-filosofik eseriniň ýapon dilinde neşir edilmegi Türkmenistanyň we Ýaponiýanyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň taryhynda şanly waka öwrüldi. Bu kitap hoşniýetli erk-islege, özara hormat goýmaga, ynanyşmaga esaslanýan netijeli döwletara gatnaşyklaryň dostlukly häsiýetiniň özboluşly nyşanydyr.***

Häzirki döwürde türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy täze many-mazmun bilen has-da baýlaşdyrylýar. Ýurtlaryň we halklaryň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi pugtalandyrmagyň, umumy rowaçlygyň, abadançylygyň bähbitlerine kybap gelýän doly derejeli hyzmatdaşlyk üçin amatly ýagdaýy döretmegiň möhüm şerti bolan ynsanperwer ulgamdaky gatnaşyklar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýrylmaz bölegidir.

Täze kitap Sukuba uniwersiteti tarapyndan ýapon diline terjime edildi.

Mälim bolşy ýaly, 2015-nji ýylyň mart aýynda Ýaponiýada iş sapary wagtynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa bilim, ylmy barlaglary geçirmek ulgamynda özara alyşmalar boýunça halkara okuw maksatnamasyna ýardam berendigi üçin Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory diýen alymlyk derejesi berildi. Geçen ýylyň sentýabr aýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen bolan duşuşygynda Sukuba uniwersitetiniň prezidenti Kýosuke Nagata «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitapda Ýaponiýa hakynda ençeme maglumatlaryň ýerleşdirilendigini, hususan-da, häzirki döwürdäki türkmen-ýapon gatnaşyklary barada bellenilip geçilýändigini aýtdy. Ol many-mazmun taýdan täsirli bu eseri ýapon diline terjime etmek isleginiň bardygyny beýan edip, munuň iki halkyň has-da ýakynlaşmagyna we özara düşünişmegine ýardam berjekdigine ynam bildirdi.




Gahryman Arkadagymyzyň bu eseri türkmen halkynyň taryhyna has giňişleýin garamaga, milli özboluşlylygy, däp-dessurlary, durmuş ýörelgeleri bilen tanyşmaga, halkymyzyň dünýäniň ylmy, ykdysady, medeni ösüşine goşan uly goşandyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem kitapda ata-babalarymyzyň beýik işleri, halkymyzyň ruhy gymmatlyklary, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň ýörelgeleri hakynda söz açylyp, awtoryň häzirki we geljek döwür baradaky çuňňur oýlanmalary beýan edilýär.

«Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyň ýapon diline terjime edilmegi bilen, okyjylara halkymyzyň umumadamzat ähmiýetli taryhy we baý medeniýeti, giň durmuş filosofiýasy, dünýägaraýşy, parasatly öwüt-ündewleri baradaky düşünjelerini giňeltmäge mümkinçilik döredildi. Bu bolsa, öz gezeginde, iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna we ösdürilmegine ýardam berer. 2

## Beýik şahyryň sarpasy belentden tutulýar



Milli medeniýetimize, ene dilimize, nusgawy edebiýatymyza bolan buýsanç geçmiş mirasymyzy öwrenmäge ruhlandyrýar. Geçmiş mirasy öwrenmekde bolsa Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şygyrlary gymmatly hazyna bolup durýar. Çünki akyldar şahyryň goşgulary türkmen diliniň, edebiýatynyň baýlyklaryny özünde jemleýär. Halkymyz şygryýet äleminiň ägirdi Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly sarpa goýýar. Türkmeniň akyldar şahyry durmuşyň dürli taraplary barada ajaýyp şygyrlary döretmek bilen, baý edebi mirasy galdyrdy. 3

4



### Ummanyň astyndan internet kabeli geçiriler

«Google» kompaniýasy taryhda ilkinji gezek Günorta Amerika bilen Aziýa-Ýuwaş ummany sebitini birleşdirjek ummanasty täze internet kabelini geçirmegi meýilleşdirýär.

5



### Dümewden soň iýmeli iýmitler

Gyş paslynda adamlar ýygy-ýygydan dümewleýärler. Dümewden soň wirus alamatlarynyň gaýtadan dikelmezligi üçin immuniteti güýçlendirmeli, bedeni zerur bolan witaminler bilen üpjün etmeli.

5



### «Sesli kitap» okamagy ýeňilleşdirýär

Soňky ýyllarda kitapdyr çeper eserleri okyjylara has täsirli ýetirmek maksady bilen birnäçe usullar oýlanyp tapyldy. Şolaryň biri hem «sesli kitaplar» hasaplanýar.

7



### 46-njy Dakar Rallisi tamamlandy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri hasaplanýan Dakar Ralli bäsleşigi tamamlandy. Saud Arabystanynda bassyr 5-nji, umumylykda-da 46-njy gezek geçirilen Dakar Ralli ýaryşynda ýeňil ulaglaryň sürüjileriniň arasynda ispaniýaly meşhur sürüji Karlos Saýns ýeňiş gazandy.

8

### 96-njy Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi



Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan Oskaryň, has takygy, Akademiýa baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Iň köp dalaşgärlik gazanan film ýylyň ençeme baýragyna mynasyp bolan «Oppenhaýmer» kinosy boldy.

## Sebitiň ilkinji kosmodromy gurlar

Ýakyn Gündogar ýurdy bolan Omanda ilkinji kosmodromyň guruljakdygy mälim edildi. «Etlaq» atly desganyň 2030-njy ýyla çenli doly işe giriziljekdigi bellenilýär. Ýurduň kenarýaka Dukm şäherinde guruljak kosmodromda uly, orta we kiçi göwrümli raketalary uçurmak üçin beketler bolar. Bu barada golaýda Maskat şäherinde geçirilen Kosmos pudagyna bagyşlanan maslahatda mälim edildi. Ýurduň Milli kosmos hyzmatlary kompaniýasynyň (Nascom) ýolbaşçysy Azzan al Saýid häzirki wagtda kosmodromyň maksatnamasynyň taýýarlanýandygyny, 2025-nji ýylda gurluşygyna başlanjakdygyny mälim etdi.



Häzirki wagtda dünýäde Ekwator guşaklygyna iň ýakyn kosmodrom Fransuz Gwineýasynda bolup, bu Amerika yklymynda ýerleşýär. Omanda guruljak kosmodromyň Aziýada hem-de ekwatora ýakyn bolmagy kosmos pudagynda iş alyp barýan kompaniýalar üçin täze mümkinçilikleri hödürlär. Meteorologiýa, aragatnaşyk, ylmy işler üçin ähmiýetli bolan kosmos pudagy soňky ýyllarda syýahatçylyk üçin hem has köp peýdalanylyp başlandy.

**Arazdurdy AÝTGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Serhet institutynyň uly mugallymy.*

## Bazar nyrhy 3 trillion dollardan geçdi

ABŞ-nyň «Microsoft» kompaniýasynyň bazar nyrhynyň 3 trillion dollardan geçendigi mälim edildi. Şeýlelikde, kompaniýa «Apple»-den soňra bu sepgide ýeten ikinji brend boldy. Golaýda dünýäniň iň gymmat kompaniýasy bolan «Apple»-iň bazar nyrhynyň 3 trillion dollardan geçendigi mälim edilipdi. «Microsoft»-yň paýnamalarynyň gymmaty soňky bir ýylda 68 göterim ýokarlanypdyr. 24-nji ýanwarda bolsa 1 göterim ýokarlanyp, her bir paýnama 404,78 dollara ýetdi. Şeýlelikde, programma üpjünçiligi bilen meşgullanýan kompaniýanyň bazar gymmaty 3,01 trillion dollar töweregi boldy. Häzirki wagtda «Apple»-iň bazar nyrhy 3,03 trillion dollar töweregi.




«Microsoft» kompaniýasynyň bazar nyrhy ilkinji gezek 1986-njy ýylda 1 milliard dollardan geçýär. Soňky wagtlarda emeli aň tehnologiýasyna maýa goýumyny artdyrmagy bilen kompaniýanyň gymmaty artdy. Şu aýyň başynda «Microsoft» az wagtlyk «Apple»-den öňe geçdi. Mundan ozal 2018-nji ýylyň awgustynda «Apple» 1 trillion dollarlyk sepgide ýetipdi. 2020-nji ýylyň awgustynda bolsa 2 trillion dollarlyk sepgide ýetipdir.

## 2024-nji ýylyň iň gowy şäherleri

Britaniýanyň «Time Out» syýahatçylyk žurnaly gezmek üçin dünýäniň iň gowy 20 şäheriniň sanawyny ýaýratdy. 2024-nji ýylda syýahat edilmegi maslahat berilýän şäherler saýlananda, şol şäherde hödürlenýän tagamlara (hili we bahasy), medeniýetine, güýmenje ýerlerine we beýleki ölçeglere baha berlipdir. Birinji onlukdaky şäherleriň altysy Ýewropada ýerleşýär. Sanawyň birinji ornunda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäheri bar. Ikinji ýeri Keýptaun (Günorta Afrika Respublikasy), üçünji orny Germaniýanyň paýtagty Berlin eýeläpdir. Degişlilikde, London (Birleşen Patyşalyk) hem-de Madrid (Ispaniýa) ilkinji bäşligi jemläpdir. Mehiko siti (Meksika), Liwerpul (Angliýa), Tokio (Ýaponiýa), Rim (Italiýa) we Porto (Portugaliýa) ilkinji onlukda özüne orun tapypdyr. Şeýle hem sanawda Pariž, Mumbaý, Lissabon, Çikago, Mançester ýaly şäherler bar.



**Selbiniýaz GURBANOWA,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

# Gahryman Arkadagymyzyň kitaby ýapon dilinde neşir edildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### TOKIODA TANYŞDYRYLYŞ DABARASY GEÇIRILDI





23-nji ýanwarda Türkmenistanyň wekiliýetiniň Ýaponiýa amala aşyran saparynyň çäklerinde Tsukuba uniwersitetinde türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýapon diline tejime edilen «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň metbugat gullugy habar berýär.

Çärä Tsukuba uniwersitetiniň professor-mugallymlary we talyplary, Ýaponiýanyň ylmy jemgyýetçiliginiň wekilleri, Ýaponiýada bilim alýan türkmen talyplary gatnaşdylar.

Çärede çykyş edenler Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň kitabynyň ýokary ähmiýetini bellediler. Onda nesilden-nesle geçip gelýän türkmen däplerine, taryhymyza hem-de ýurdumyzyň häzirki ösüşlerine üns berilýär.

Tanyşdyrylyş dabarasyna gatnaşyjylar kitapda adamzadyň, dünýäniň, tebigatyň we durmuşyň ähmiýeti baradaky pikirleriň jemlenendigini hem-de ýaş nesle gymmatly öwüt-ündewleriň beýan edilendigini bellediler.

Kitabyň «Ýagşy adam ýatdan çykmaz» atly bölümine aýratyn üns berildi. Onda Ýaponiýanyň öňki Premýer-ministri Sindzo Abeniň türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň berkidilmegindäki möhüm orny beýan edilýär.

# Döwrebap binalar – baýramçylyk sowgady

Ýurdumyzda giňden bellenilýän Watan goragçylarynyň güni mynasybetli Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýa bölümleriniň ýol gözegçiligi gullugynyň awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş we hasaba alyş toparynyň edara binalary ulanmaga berildi. Olar Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Büzmeýin etrabynyň Polisiýa bölüminiň, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Polisiýa bölüminiň, Daşoguz welaýatynyň Polisiýa müdirliginiň Akdepe, Saparmyrat Türkmenbaşy etraplarynyň Polisiýa bölümleriniň, Balkan welaýatynyň Bereket we Gyzylarbat etraplarynyň Polisiýa bölümleriniň polisiýanyň ýol gözegçiligi gulluklarynyň döwrebap binalarydyr. Ýol hereketiniň howpsuzlygynyň üpjün edilmeginde uly ähmiýete eýe bolan täze desgalaryň açylyş dabaralary «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň toýly günleriniň bezegine öwrüldi.



Awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş we hasaba alyş toparlarynyň täze edara binalary dünýäniň ösen ýurtlarynyň iň kämil tehniki enjamlary, ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edildi. Täze desgalarda ýeňil we ýük awtoulaglarynyň, olaryň tirkegleriniň tehniki ýagdaýyny anyklamak, dolandyryş, yşyklandyryş, duruzyş, tizlik ölçeýiş ulgamlarynyň işleýşiniň talabalaýyklygyny, hereketlendirijileriniň bölüp çykarýan gazynyň mukdaryny we onuň ekologiýa kadalaryna laýyklygyny barlamak işlerini ýokary hilli geçirmek hem-de maglumatlary ulaglaryň bitewi elektron ulgamynda hasaba goýmak üçin ähli mümkinçilikler döredilipdir. Täze binalar awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş we hasaba alyş işlerini kämilleşdirmäge, ilata döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda, ýokary hilli hyzmaty guramaga oňaýly şertleri döreder.

# Göz – dünýäniň aýnasy



Göz – dünýäň aýnasy, kalbyň nurudyr. Älem dek giň gözümiz bilen dünýäni görýäris. Gözi goramak üçin iýmitlenmegiň hem düzgüni bar. Şonuň üçin hem göz damarlaryny berkidiji iýmitleri iýmek has peýdalydyr. Gözümizi Gün şöhlesinden goramak ilkinji berjaý edilmeli düzgünleriň biridir. Aşakdaky hödürlenen maşklar berjaý edilse, gözüň we beýniniň nerw öýjükleriniň ýadawlygynyň aýrylmagyna kömek eder.

### GÖZÜŇ ÝADAWLYGYNY AÝYRMAK ÜÇIN MAŞKLAR:

Gözüňizi ýumup, maňlaýy, gaşlaryň ýokarsyny, çekgäni barmaklaryň bilen başam barmakdan süýem barmaga tarap aýlawly hereket etmeli. Eliň aýasy bilen göz bäbeneginiň üstüne ýuwaşlyk bilen basyp owkalamak göz damarlarynyň gan aýlanyşyny gowulandyrýar.

Kompýuterde işlenende, kitap okalanda ýa-da telewizor görlende her 30-40 minutdan 5-10 minutlyk arakesme etmeli. Esasan hem, çagalar kompýuterde ýa-da telefonda oýun oýnap, köp oturýarlar. Netijede, gözüň akkomodasion myşsalaryna agram düşýär we çagalaryň doly bekemedik gözlerinde şowakörlük (miopiýa) emele gelýär. Kompýuterde uzak wagtlap işlemegiň netijesinde göz ýadap, gyzarýar. Kompýuterde işlenende göz ortaça 3 esse seýrek gyrpylýar. Netijede, gözler guraksy bolup ugraýar, şonuň üçin gözüň ýadawlygyny aýyrýan maşklary ýerine ýetirmegi endik etmeli.

Daş aralyga ünsli seredip, birden gysga aralyga seretmeli. Bu maşky her gün gaýtalamaly.

Göz bäbenegini ýokaryk-aşak, soňra saga-çepe hereketlendirmeli. Bu maşk gözi ýeterlik mukdarda çyglandyrýar.

Kitap okalanda gözden 30 sm, monitorda işlenende, 50-70 sm araçägi saklamaly. Monitor gözden 8-10 sm aşakda bolmaly. Eger monitor gözüň deňinde ýa-da ýokarda bolsa, göz almasynyň nemli we buýnuz bardalary çalt guraýar. Göz ýadaýar we ýaşaryp, gyzaryp, agyryp başlaýar.

Ýüzin ýa-da arkan ýatyp okamak maslahat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda göz bilen ýazgynyň araçägi üýtgäp durýar we gözüň akkomodasion myşsalaryna agram düşýär.

Gözi goramak üçin iýmit düzgünlerini berjaý etmeli. Düzüminde damarlary berkidiji maddalary, A, B, C witaminleri saklaýan balyk, bagyr, böwürslen, gara smorodina, şugundyr, käşir, kelem, garaly, gök sogan ýaly önümleri köpräk iýmeli.

Gözüňizi bar güýjüňiz bilen ýumup, 30 sekuntdan soňra giňden açmaly. Bu maşky her gün 4 gezek gaýtalamaly. Soňra barmagyňyzy ýokaryk-aşak hereket etdirip, gözüňiz bilen süýem barmagyň ujuna seretmeli.

Göz almasynyň ýüzi gözüň ýaşy bilen öllenip durmaly. Görmäge diňe göz däl, eýsem, beýni hem gatnaşýar. Şonuň üçin hem görüş ýitiliginiň dürli bozulmalarynda kellagyry, şekilleriň goşalanmagy, ýadawlyk, gaharjaňlyk ýüze çykýar. Göz bäbenegi guramaz ýaly, goraýjy, arassalaýjy we çyglandyryjy göz damjalaryny ulanmak maslahat berilýär.

**Merdanguly ŞAGULYÝEW,**
*Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň Göz kesellerini bejeriş halkara merkeziniň göz rekonstruktiw amallary bölüminiň müdiri.*

# Möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar

- ☑ Gyş paslynda howanyň üýtgäp durmagy zerarly möwsümleýin ýokanç keselleriň öňüni almak üçin şahsy arassaçylyk kadalaryny berjaý etmeli.
- ☑ Açyk howada gezelenç etmeli.
- ☑ Zähmet bilen dynç alşy kadaly alyp barmaly.
- ☑ Bedenterbiýe we sport bilen yzygiderli meşgullanmaly.
- ☑ Iş ýerimizde we öýümizde otaglaryň howasynyň tämiz bolmagyny gazanmaly.
- ☑ Eliňizi mydama arassa saklamaly we ýygy-ýygydan sabyn bilen ýuwmaly.
- ☑ Howanyň ýagdaýyna görä geýinmeli.
- ☑ Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.
- ☑ Lukmanyň beren maslahatlaryny doly we dogry berjaý etmeli.
- ☑ Özbaşdak derman serişdelerini ulanmaly däl, olar özbaşdak ulanylanda birnäçe gaýraüzülmelere getirip biler.
- ☑ Ýylyň dowamynda saglyk barlaglaryndan geçmegi endik edinmeli.



- ☑ Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli.
- ☑ Gök we bakja önümleri, miweleri köpräk iýmeli.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## 10 million jaýyň üçegine Gün paneli oturdylar

Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi ýurduň bütin çäginde 10 million jaýyň üçegine Gün panelini ýerleşdirmegi maksat edinýändiklerini belledi. Ýurt bu maksatnamany durmuşa geçirmek arkaly ilaty arassa energiýa bilen üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Premýer-ministriň sözlerine görä, üçege ýerleşdiriljek Gün panelleri girdejisi pes we orta derejedäki maşgalalaryň energiýa üçin çykdajylaryny azaltmaga ýardam eder. Şeýle hem bu maksatnama ýurtda elektrik energiýasynyň importyny azaldar.

Dünýäniň iň köp ilatly ýurdunda birnäçe ýyldan bäri elektrik energiýasyny arassa çeşmelerden almak üçin dürli taslamalar durmuşa geçirilýär. Mundan ozal ýurtda otlularyň üçegine hem Gün panelleri ýerleşdirilipdi.

## Dünýäniň iň uly güli açyldy

Indoneziýanyň Günbatar Sumatra welaýatyndaky «Titan Arum» (Amorphophallus titanum) atly dünýäniň iň uly güli açyldy. Welaýatyň Agam atly sebitinde goraghananyň çäginde ýerleşýän Palupuah tokaýynda ösüp oturan bu ösümligiň gülüniň boýy 3 metre golaýlaýar. Ýurduň tebigy çeşmeleri gorag gullugy (BKSDA) sebitde şu ýylyň dowamynda ýene dört gülüň açylmagyna garaşylýandygyny mälim etdi. Seýrek duş gelýän we örän seýrek açylýan bu gül dünýäniň iň erbet ysly gülleriniň biridir. Onuň erbet ysy dürli mör-möjekleri özüne çekýär. Seýrek duş gelýändigi sebäpli, adatça bu güller aýratyn goralýar. Tokaýlardan başga-da, bu gül botanika baglarynda, ýaşaýjylaryň howlusynda hem ösýär.

## Elektrik önümçiliginde ýerasty çeşmeleriň paýy azalar

Halkara Energiýa Agentligi geljek üç ýylyň dowamynda dünýäde elektrik energiýasynyň önümçiliginde gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriň paýynyň 37 göterime ýetilmegine garaşylýandygyny mälim etdi. Gazylyp alynýan çeşmeler arkaly öndürilýän elektrik energiýasy bolsa ilkinji gezek 60 göterimden az bolar. Agentlik elektrik energiýasyna islegiň geljek üç ýylda 3,4 göterim artjakdygyny we bu artyşyň ählisiniň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerden üpjün ediljekdigini çaklaýar. Bu barada taýýarlanan maglumatda geçen ýyl elektrik energiýasyna bolan islegiň has az, 2,2 göterim artandygy mälim edildi. Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerindäki önümçiligiň çalt artýandygy bellenilip, ösýän islegiň arassa çeşmelerden üpjün edilip bilinjekdigi bellenildi. 2026-njy ýylda dünýäde elektrik energiýasynyň ýarysyna golaýynyň arassa çeşmelerden alynjakdygy mälim edildi. 2025-nji ýylda bolsa, gaýtadan dikeldilýän energiýanyň möçberi kömürden köp bolar.



**Ýazmyrat BÄŞIMOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Bahar baýramyna taýýarlyk görülýär

Her ýylda 1,5 milliarda golaý adam hytaý Täze ýylyny belleýär. Bu baýramçylyk Hytaýda hem-de Wýetnam, Tailand, Koreýa ýaly Uzak Gündogar ýurtlarynda, şeýle hem Awstraliýa, Kanada ýaly uzak gündogarlylaryň has köp ýaşaýan ýerlerinde giňden bellenilýär. Öýünden uzakda okaýan, işleýän adamlar bu baýramçylygy maşgala agzalary bilen bilelikde geçirmek üçin uzak aralyga syýahat edýärler. Baýramçylygyň wagty Aýyň Ýeriň daşyndaky aýlawyna görä bolansoň, her ýyl üýtgeýär. Şu ýylky baýramçylyk 10-njy fewralda başlaýar. Resmi dynç güni bir hepde bolsa-da, baýramçylyk 14-15 gün dowam edýär. Däbe görä, bu baýramçylyk täze Aýyň dogan güni başlap, dolan Aý görünýänçä dowam edýär. Köp ýurtda eýýäm hytaý Täze ýyly mynasybetli dabaralar geçirilip başlandy.



**Şeker REJEPOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 30-njy çagalar bagynyň müdiri.*

## Syýahatçylyk pudagynda rekordlar

Ispaniýanyň Senagat we syýahatçylyk ministri Hordi Hereu geçen ýyl ýurda gelen syýahatçylaryň sanynyň 84 milliondan geçendigini, munuň häzire çenli hasaba alnan iň ýokary görkezijidigini belledi. Metbugata beýanat beren Hereu mundan ozalky rekordyň 2019-njy ýylda hasaba alnandygyny, geçen ýyl bolsa, syýahatçylaryň sanynyň 2019-njy ýyldakydan 1 göterim ýokary bolandygyny belledi. Şeýle hem geçen ýyl ýurda baran myhmanlaryň sany 2022-nji ýyldakydan 19 göterim ýokary bolupdyr. Geçen ýyl syýahatçylyk pudagyndan alynýan girdejileriň hem artyp, 108 milliard ýewrodan geçendigi mälim edildi.



Ýewropanyň taryhy ýadygärliklere baý bolmagy hem-de adalary bilen meşhurlyk gazanan ýurdy Gresiýada hem syýahatçylyk girdejileri babatda rekord täzelendi. Gresiýanyň Merkezi bankynyň ýaýradan maglumatynda ýanwar-noýabr aýlarynda ýurda 31,97 million daşary ýurtlynyň gelendigi bellenilýär.

**Akjagül ABAÝEWA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

## Dört günlük iş hepdesi synagdan geçiriler

Dominikan Respublikasynda dört günlük iş hepdesiniň synagdan geçiriljekdigi mälim edildi. Ýurduň hökümeti meýletinlik esasyna görä, hepdelik iş wagtynyň 44 sagatdan 36 sagada düşüriljekdigini aýtdy. Iş wagtynyň azalandygyna garamazdan, işgärler şol bir aýlygy alar. Fewral aýyndan başlajak synagyň möhleti alty aý dowam eder. Ýurduň zähmet ministri Luis Migel de Kamps bu başlangyç bilen adamlara artykmaçlyk berilýändigini, saglygyň we asudalygyň artdyrylýandygyny, durnukly we daşky gurşaw üçin zyýansyz önümçiligiň höweslendirilýändigini belledi. Bu synaga gatnaşmaga isleg bildirýän kompaniýalaryň arasynda ýurduň öňdebaryjy telekommunikasiýa, energiýa we saglygy goraýyş kompaniýalary hem bar. Häzirki wagtda buýurtda iş wagty, adatça hepdäniň bäş güni 8 sagat, altynjy gün 4 sagat. Emma hepdelik 44 sagatdan geçmezlik şerti bilen iş günlerini üýtgedip bolýar.



Mundan ozal Belgiýa, Angliýa, Islandiýa ýaly dünýäniň käbir ýurtlarynda dört günlük iş hepdesi synagdan geçirilipdi. Çilide bolsa hepdelik iş wagty 45 sagatdan 40 sagada düşürilipdi.

**Didar ÇARYÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## Pingwinleriň ýaşaýan ýerleri anyklandy

Britan Antarktika barlaglary institutynyň (BAS) hünärmenleri Günorta polýusda pingwinleriň süri bolup ýaşaýan ýerlerini anykladylar. Emeli hemralar arkaly buzly yklymda jemi dört sany pingwin sürüsi tapyldy. Tebigy şertler sebäpli pingwinleriň başga ýerlere göçýändigini, şol sebäpli olaryň emeli hemralar arkaly yzarlanýandygy bellenilýär. Bu barada ýaýradylan maglumatda imperator pingwinleriniň 30 kilometrden gowrak aralyga göçendikleri, geçirilen barlaglarda olaryň täze dört sürüsiniň üstünden barlandygy mälim edildi. Sürüleriň biri has öňki ýyllarda pingwinleriň terk eden Halli aýlagyndan tapylypdyr. Guşuň uçup bilmeýän bu görnüşi ýaşamak üçin amatly bolan bu ýerde gaýtadan ýygnanypdyr. Pingwinler köpelmek üçin amatly ýerleri gözläp, başga ýerlere göçýärler. Täze sürüleriň tapylmagy bilen Antarktikadaky pingwin sürüleriniň sany 66-a ýetdi. Ýaýradylan maglumatda pingwinleriň täze sürüleriniň tapylandygyna garamazdan, olaryň sanynyň howp astyndadygy, täze sürüleriň üçüsinde müňden az pingwiniň bardygy bellenilýär. Imperator pingwinleri kenara golaý ýerde ýaşaýar, emma köpelmek üçin köplenç, barmasy kyn ýerlere göçýär.



**Laçyn KULLAÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Tebigy we takyk ylymlar boýunça ylmy-barlag merkeziniň Maglumat tehnologiýalary boýunça hünärmeni.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 26-sy, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113281
Belgisi: 4/1570
Tiražy: 9000
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde



► **Fidel Kastronyň rekordyny täzeledi.** Çehiýada «Azatlyk we demokratiýa» partiýasynyň başlygy Tomio Okamura iň uzak çykyşy bilen Kubanyň ozalky Lideri Fidel Kastronyň rekordyny täzeledi. Okamura parlamentde 10 sagat 44 minut söz sözledi. Şeýlelikde, onuň çykyşy Kastronyň 1998-nji ýyldaky 7 sagat 15 minutlyk çykyşyndan uzak boldy.



► **Ewereste çykan çaga.** Çehiýaly Zara atly dört ýaşly gyzjagaz Ewerestiň esasy lagerine çykyp, kopleriň ünsüni özüne çekdi. Şeýlelikde, Zara Ewerestiň 5,3 kilometr belentligine çykmagy başaran iň ýaş gyzjagaz boldy. Onuň ýanynda kakasy Dawid Şifra we ýedi ýaşly erkek dogany Saşa bardy.



► **Howa salgydyny girizmekçi.** Gresiýanyň häkimiýeti şu ýyl syýahatçylardan howa salgydyny ýygnap başlar. Ol häzirki myhmanhana salgydynyň ornuny tutup, gyzgalaňly möwsümde – mart aýyndan oktýabr aýy aralygynda hereket eder. Bu barada ýurduň syýasy neşiri habar berdi.



► **Ýitirilen eserler tapyldy.** Pablo Pikassonyň «Tête» atly hem-de Mark Şagalyň doga-dileg edýän adamy şekillendirýän «Tebigatdaky adam» atly eseri 2010-njy ýylda ýitirilipdi. Bu wakanyň üstünden 14 ýyl geçensoň, suratlar Belgiýanyň Antwerp şäherindäki ýerzeminden tapyldy. Şol döwürde iki suratyňam bahasy 900 müň dollardy.



► **1 million dollara giden komiks.** 1963-nji ýylyň mart aýynda neşir edilen «The Amazing Spider Man» atly komiks kitaby ABŞ-nyň «Heritage» auksionynda rekord bahadan – 1,38 million dollara satyldy. Suratkeş Stiw Ditko we ýazyjy Stan Li tarapyndan döredilen möý adam baradaky ilkinji komiks 1962-nji ýylyň awgust aýynda tanyşdyrylypdy.



► **Otluçöpden heýkel ýasady.** Horwatiýaly suratkeş Tomislaw Horwat 210 müň otluçöp bilen adaty ululykdaky pianinoçynyň heýkelini ýasady. Şeýle-de, 34 ýaşly suratkeş ýakyn wagtda 430 müňden gowrak otluçöpden Dawidiň ägirt uly heýkelini ýasap gutarjakdygyny, onuň üstünde alty ýyl bäri işleýändigini aýtdy.



► **Modulyny Aýa gondurdy.** Ýaponiýanyň birinji SLIM gözleg moduly Aýyň üstüne gondy. Bu waka göni ýaýlymda Ýaponiýanyň Aerokosmiki gözleg gullugy (JAXA) tarapyndan görkezildi. Şeýlelikde, SSSR-den, ABŞ-dan, Hytaýdan we Hindistandan soň, Ýaponiýa modulyny Aýyň üstüne gonduran bäşinji ýurt boldy.



► **Ýeke-täk wagt zolagyna geçer.** 1-nji martdan başlap, Gazagystan Respublikasynyň çäginde wagt tertibine üýtgetmeler giriziler. Karara laýyklykda, 2024-nji ýylyň 1-nji martynda sagat 00:00-dan başlap tutuş ýurtda bir wagt zolagynyň ulanylmagy ýola goýlup, ýerli wagt 1 sagat yza süýşüriler.



► **Iň uly awtoulag eksportçysy boldy.** Hytaý 2023-nji ýylda daşary ýurtlara 4,91 million awtoulag iberip, dünýäde iň uly eksportçy boldy. Geçen ýyl ýurduň 2022-nji ýyldakydan jemi 57,9% köp ulag eksport edendigi bellenildi. Täze energiýa ulaglarynyň eksporty ýylda 77,6% artyp, 1,2 million birlige ýetdi.




► **Emeli aň iş orunlaryna täsir eder.** Tehnologiýadaky ösüşler dünýädäki iş orunlarynyň 40%-iniň emeli aň bilen çalşylmagyna getirer. Bu barada Halkara Pul Gaznasy habar berdi. HPG-niň seljerişlerinde emeli aňyň ösen ýurtlardaky iş orunlaryň 60%-ine, pes girdejili ýurtlaryň iş orunlarynyň 26%-ine täsir edip biljekdigi çaklanylýar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**■ 1956-njy ýylyň 26-njy ýanwaryndan 5-nji fewraly aralygynda Italiýanyň Kortina d'Ampesso şäherinde VII gyşky Olimpiýa oýunlary geçirildi. Ilkinji gezek göni ýaýlymda görkezilen Olimpiýa oýunlary millionlarça tomaşaça türgenleriň Olimpiýa meýdançalaryndaky gyzykly ýaryşlaryna tomaşa etmäge mümkinçilik berdi.**



# GÜNORTA ÝURTLARYŇ ÜÇÜNJI SAMMITI GEÇIRILDI

**21-22-nji ýanwarda Ugandanyň paýtagty Kampalada Günorta ýurtlaryň üçünji sammiti geçirildi. Bu syýasy çärä 70-den gowrak ýurduň ýokary derejeli wekilleri gatnaşdy. «G77 we + Hytaý» toparynyň başlyklygyny Uganda geçirýän Kubanyň wise-prezidenti Salwador Waldes Mesanyň belleýşi ýaly, bu forum global meseleler babatda ösýän ýurtlaryň çylşyrymly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýan döwrüne gabat geldi. Iki gün dowam eden maslahat «Hiç kimi yzda galdyrma» mowzugy astynda geçirilip, oňa gatnaşýan ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlyga täze itergi berdi.**

– Ugandanyň başlyklygynda «G77 we + Hytaý» topary 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek maksady bilen howanyň üýtgemeginiň we biodürlüligiň bozulmagynyň täsirini azaltmaga, salgyt tölemekden gaçmaklyga garşy göreşde halkara




hyzmatdaşlygyny güýçlendirmäge tagalla eder – diýip, Ugandanyň Prezidenti Ýoweri Museweni aýtdy. Museweniniň pikiriçe, «G77 we + Hytaý» topary dünýä ilatynyň 80%-ini birleşdirýär. Jemi içerki önümi dünýäniň 40%-ini emele getirýän bu topar ösýän ýurtlaryň bähbitlerini üstünlikli goraýar we ösdürýär.

– Bütindünýä banky we Halkara Pul Gaznasy ýaly halkara karz guramalary ösüp barýan ýurtlara karz bermek düzgünlerini täzeden gözden geçirmeli we olara haýsydyr bir şert goýmakdan ýüz öwürmeli. Biz ösýän ýurtlaryň maliýeleşdirmek babatdaky zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagy üçin halkara maliýe gurluşynyň gyssagly özgerdilmegini goldaýarys – diýip, Ýoweri Museweni belledi.

– «G77 we + Hytaý» BMG-niň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň möhüm mehanizmidir. Günorta ýurtlary umumy garaýyşlaryny we umumy bähbitlerini kesgitlemek üçin BRICS we Afrika Bileleşigi ýaly platformalary döretdiler – diýip, Hytaýyň Başlygynyň ýörite wekili, Döwlet geňeşiniň wise-premýeri Liu Goçžun belledi.

«G77 we + Hytaý» bileleşiginiň esasy maksady köpçülikleýin ykdysady bähbitleri ösdürmekden we möhüm halkara ykdysady meseleleri çözmek ugrunda bilelikdäki tagallalary güýçlendirmekden ybaratdyr. Topary döretmek karary 1964-nji ýylda Aziýada, Afrikada we Latyn Amerikasynda ösüp barýan ýurtlaryň ministrleriniň maslahatynda kabul edildi we şol ýyl BMG-niň Söwda we ösüş konferensiýasynyň Ženewada geçirilen 1-nji mejlisinde resmileşdirildi. Ilkibaşda täze topara 77 ýurt agza boldy, emma BMG-ä täze ýurtlaryň kabul edilmegi bilen olaryň sany ep-esli artdy.

## Dünýäniň sungat paýtagtlary belli boldy

«Artsy» portaly, basym London, Nýu-Ýork we Pariž ýaly ykrar edilen sungat merkezleri bilen bäsleşip biljek dünýäniň bäş şäheriniň sanawyny düzdi. Hünärmenleriň düzen sanawynda, esasan, köp ugurly ýerli galereýalar ulgamy, her ýyl geçirilýän sungat ýarmarkalarynyň sany, sergi maksatnamasynyň dürli-dürlüligi we işjeň kolleksionerleriň sany aýratyn ähmiýete eýe boldy.

«Artsy» portalynyň awtorlary Koreýa Respublikasy barada durup geçip, esasan, Aziýanyň medeni we ykdysady derwezesi bolup hyzmat edýän port şäheri Pusana ünsüni jemlediler. Geçen ýyl «Bloomberg» Pusany «Günorta Koreýanyň Maýamisi» diýip atlandyrdy. Şeýle-de, geçen tomusda 22 ýurtdan 145 galereýany birleşdiren «Art Busan» ýarmarkasynda geçirilen satuwda 20% ösüş gazanyldy.

Sanawda amerikan Atlantasy ABŞ-nyň iň çalt ösýän şäherleriniň biri hasaplanyp, şäheriň sungat sahnasynyň barha ösýändigi bellenilýär. «United Talent Agency», «Jackson Fine Art» we «Wolfgang Gallery» ýaly galereýalar ýerli bazardaky işjeňligini giňeldýärler.

Fransiýanyň günorta kenarynda ýerleşýän Marsel şäheri ýakynda «Time» žurnaly tarapyndan «Günorta Ýewropanyň öňdebaryjy medeni merkezleriniň biri» diýlip yglan edildi. Pariž bilen deňeşdirilende, Marsel ýaňy başlan suratkeşler üçin kärende tölegi babatda köp ýeňillikler döredýär.



Bu ýerde sungat merkezleriniň köp sanly ulgamy işjeň ösdürilýär we täze sergi meýdançalary peýda bolýar. Makalada dünýäniň geljegi uly sungat merkezleriniň arasynda Kair we Ibisa hem agzalyp geçilýär.

## Ýewropada 1,7 million iş ýerini döreder

2040-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa önümçiligi Ýewropada 1,7 million iş ýerini döreder. Bu barada Ispaniýanyň nebit-himiýa kompaniýasy «Cepsa»-nyň we amerikan transmilli korporasiýasy «ManpowerGroup»-yň wekilleriniň Dawosda guralan Bütindünýä ykdysady forumynda hödürlän «Ýaşyl molekulalar: Ýewropada ýakyn wagtda zähmet bazaryndaky özgerişlik» atly hasabatynda bellenilýär. Hasabatda ýaşyl wodorod we bioýangyç ýaly täzelenip bilýän energiýa çeşmeleriniň öndürilmeginiň 1,7 million täze iş ornuny döretjekdigi hem-de 2040-njy ýyla çenli Ýewropanyň jemi içerki önümini 145 milliard ýewro çenli artdyrjakdygy bellenilýär.

Hasabata görä, Ispaniýa Ýewropada «ýaşyl» wodorod öndürmekde öňdebaryjy ýurtlaryň birine öwrüler. Ispaniýada 2040-njy ýyla çenli «ýaşyl» energiýa bilen bagly 181 müň iş orny dörediler. Ondan soň Beýik Britaniýa (173 müň) we Germaniýa (145 müň) gelýär.




Hasabata görä, energiýa öwrülişigi 2040-njy ýyla çenli döwürde orta we ýokary derejeli alymlara, inženerlere, elektriklere, administratiw we satuw müdirlerine, magdan we gurluşyk işgärlerine, IT hünärmenlerine, metallurgiýa we ulag gurluşyk operatorlaryna bolan islegiň ep-esli artmagyna getirer.

– Biz diňe bir kompaniýalar üçin däl, eýsem, millionlarça hünärmenler üçin hem ägirt uly mümkinçilikleri döredýän täze döwür bilen ýüzbe-ýüz bolýarys. Ýöne biz «ýaşyl» geçişe hünärmenleri taýýarlan halatymyzda geljegimizi özgerdip bileris – diýip, «ManpowerGroup» kompaniýasynyň direktory Ýonas Prizing aýtdy.

Hasabatda has köp talap edilýän hünärleri täzeden öwrenip bilmekleri üçin hünärmenleri ähmiýetini ýitirýän hünärlerden ýygnamagyň möhümdigi bellenilýär.

## Iň uly litiý ätiýaçlyklary bolan ýurt

Boliwiýa dünýäniň iň tekiz ýurdudyr. Onuň ýene-de bir dünýä rekordy bar – bu ýurt dünýäniň iň uly litiý gorlaryna eýe. Boliwiýa Günorta Amerikadaky deňze çykalgasy bolmadyk ägirt uly tebigy biodürlülige eýe bolan ýurtlardan biridir. Dünýäniň iň tekiz ýurdy bolsa-da, bu onuň tutuş çäkleriniň tekizdigini aňlatmaýar: And dag gerişleri Boliwiýany demirgazykdan günorta kesip geçip, ony iki geografik sebite bölýär: Altiplano we düzlük bölegi.

«Bolivia World Network»-yň maglumatlaryna görä, Boliwiýa özüniň ähli tebigy dürli-dürlüligine garamazdan, birnäçe geografik aýratynlyklary boýunça rekord goýmagyny dowam etdirýär. Salar-de-Uýuni şorlugy diňe bir dünýäniň iň iri litiý gorlaryna eýe bolan ýerleriň biri bolman (ýerüsti meýdany 10 müň 582 inedördül kilometr), eýsem, dünýäde iň uly duzly çöldür.

ABŞ-nyň Geologiýa gullugynyň hasabatyna görä, Salar-de-Uýunide 21 million tonna litiý bolup, himiki elementiň bu görnüşiniň dünýädäki iň uly gorlaryna eýedir. 2023-nji ýylyň ahyrynda Boliwiýada has uly litiý magdanynyň bardygyny subut edýän ylmy-barlag işi çap edildi.

«Science Advances» žurnalynda çap edilen ylmy-barlagyň netijesine görä, iň uly litiý ýatagynyň ABŞ-da, MakDermitt Kalderanyň çökündilerinde, gadymy wulkanyň aşagynda ýerleşýän bolmagy mümkin.



Bu ýerde litiý gorlarynyň 20-40 million tonna aralygynda bolup biljekdigi çak edilýär. Bu sanlar tassyklansa, bu ýatakdaky litiý gorlary beýleki belli ýataklardan iki esse köp bolar.

Häzirlikçe Boliwiýa iň köp litiý gorlaryna eýe bolan ýurt bolup galýar, şeýle-de dünýäniň iň tekiz ýurdudygy baradaky beýleki rekordyny hem goraýar.

## Gadymy eserler ýygyndysy gaýtarylyp berildi

Perunyň Daşary işler ministrliginde geçirilen dabarada ABŞ-dan, Germaniýadan, Belgiýadan, Kanadadan we Ispaniýadan 200-den gowrak medeni gymmatlyklaryň yzyna gaýtarylyp getirilmegine ýokary baha berildi. Ýygyndy kipu, inkleriň heýkelleri, çankaý medeniýetiniň dokma önümleri we küýzegärçilik önümleri ýaly ispanlar aralaşmazdan öňki döwre degişli zatlary öz içine alýar. Olaryň gaýtarylyp getirilmegi Daşary işler ministrliginiň, Medeniýet ministrliginiň, Içeri işler ministrliginiň we beýleki düzümleriň köpçülikleýin tagallalary netijesinde mümkin boldy.

– Pursatdan peýdalanyp, medeni gymmatlyklaryň bikanun söwdasy zerarly ýetirilen zyýany ykrar edip, medeni mirasy yzyna gaýtaryp getirmek baradaky tagallalarymyza goldaw beren Germaniýa, Belgiýa, Kanada, Ispaniýa we Amerika wekilçilik edýän daşary ýurtly raýatlara we guramalara hoşallygymy bildirmek isleýärin – diýip, Perunyň daşary işler ministriniň orunbasary Ignasio Igueras dabarada belledi.

Yzyna gaýtarylyp berlen ýygyndylara 198 arheologik eser girip, olaryň biri taryhy-çeper eksponat, üçüsi arhiw we resminamalaýyn eserden ybarat. 154 sany arheologik predmet dünýäniň dürli künjeginden bolan raýatlar tarapyndan meýletin gaýtarylyp berildi, bu bolsa, olaryň medeniýeti gorap saklamaga global derejede ygrarlydygyny görkezýär.



Galan 42 zat ABŞ-nyň Içeri howpsuzlyk ministrligi we Germaniýanyň polisiýasy tarapyndan geçirilen işleriň netijesinde tapyldy. Iki zat Los-Anjelesdäki Santa-Barbara tebigy taryhy muzeýi tarapyndan gaýtarylyp berildi. Şeýle hem ýygyndyda moçe, naska, lambaeka, ink we beýleki medeniýetleri görkezýän keramiki önümler bar.

## Syýahatçylar üçin howpsuz ýurtlar

Hünärmenler 2024-nji ýylda syýahatçylar üçin iň howpsuz ýurdy mälim etdiler diýip, «Complex» web saýty ýazýar. Sanaw düzülende ilatyň gürlüginden başlap, howa şertlerine çenli ähli ugurlar göz öňünde tutuldy.



«Berkshire Hathaway Travel Protection» kompaniýasynyň hünärmenleri 2024-nji ýylda syýahatçylar üçin iň howpsuz ýurt Kanada diýen netijä geldiler. Kanada geçen ýyl altynjy orunda durýardy, ýöne indi ikinji we üçünji orny eýeleýän Şweýsariýadan we Norwegiýadan öňe saýlandy.

Hünärmenler Kanadany sowuk howasy we az ilat gürlügi, şeýle hem jenaýatçylygyň pes derejesi üçin sanawda birinji orna mynasyp gördüler. Sanawy düzen awtorlar munuň gutarnykly netije däldigini bellediler. Sanawdaky belli bir ýurduň orny islendik pursatda dürli sebäplere görä üýtgäp bilýär.

## Çigildemleriň milli güni geçirildi



21-nji ýanwarda Amsterdamda Çigildemleriň milli güni bellenildi. Baýramçylygyň hormatyna şäheriň muzeý meýdançasynda gülleriň sergisi guralyp, onda gülleriň 200 müňüsi hödürlendi. Baýramçylyk aprel aýynyň ahyryna çenli dowam etjek çigildem möwsüminiň başlanandygyny alamatlandyrýar. Sergi-ýarmarka gül ýetişdirýän ýerli kompaniýalaryň 500-e golaýy gatnaşýar. Niderlandlar dünýäde iň iri çigildem eksport ediji ýurt bolup, her ýyl daşary ýurtlara üç milliona golaý çigildem ugradylýar.

Niderlandlarda Çigildemleriň milli güni 2013-nji ýyldan bäri her ýylyň ýanwar aýynda bellenip geçilýär. Şol gün hemmelere ter güller paýlanylýar.

## Trampyň Nýu-Gempşirdäki ýeňşi

23-nji ýanwarda ABŞ-nyň Nýu-Gempşir ştatynda geçirilen deslapky saýlawlarda (praýmeriz) ABŞ-nyň öňki Prezidenti Donald Tramp 54% ses alyp, ýeňiş gazandy. Onuň bäsdeşi, ýurduň BMG-däki ozalky hemişelik wekili Nikki Heýli sesleriň 44,8%-ine eýe boldy. Bu syýasy çäre şu ýylyň 5-nji noýabrynda ýurtda guraljak Prezident saýlawlaryna Respublikan partiýanyň ýeke-täk dalaşgärini saýlamak maksady bilen geçirildi.

Respublikan partiýadan prezidentlige ýeke-täk dalaşgär görkezmek ugrundaky göreşde soňlugy bilen Donald Tramp we Nikki Heýli öňe saýlandy.

Praýmerizler şu ýylyň noýabrynda geçiriljek Prezident saýlawlaryna ýeke-täk dalaşgärini hödürlemek maksady bilen Respublikan partiýasy tarapyndan guralýar. Özboluşly saýlaw düzgünleri bilen tapawutlanýan ýurtda Prezident saýlawlaryna diňe iki partiýanyň – Respublikan hem-de Demokratik partiýanyň dalaşgärleri gatnaşýar. Her bir partiýanyň dalaşgärini kesgitlemek üçin hem deslapky saýlawlar geçirilýär. Demokratik



partiýadan ABŞ-nyň häzirki Prezidenti Jozef Baýdeniň gatnaşmagyna garaşylýar. Respublikanlardan bolsa, kimiň dalaşgär boljagy häzirki wagtda her ştatda dürli wagtda geçirilýän praýmerizleriň netijesinde belli bolar. Bu saýlawlar ABŞ-nyň 50 ştatynyň ählisinde geçiriler. Saýlawyň netijesinde ýeňiji bolan dalaşgär esasy saýlawlarda Baýden bilen bäsleşer.

# UMMANYŇ ASTYNDAN INTERNET KABELI GEÇIRILER

**«Google» kompaniýasy taryhda ilkinji gezek Günorta Amerika bilen Aziýa-Ýuwaş ummany sebitini birleşdirjek ummanasty täze internet kabelini geçirmegi meýilleşdirýär. Amerikan transmilli korporasiýasynyň metbugat gullugynyň habaryna görä, uzynlygy 15 müň kilometre barabar bolan suwasty kabel ugry Çilini, fransuz Polineziýasyny we Awstraliýany birleşdirer.**

**Taslama geograf Aleksandr fon Humboldtyň hormatyna «Humboldt» diýlip atlandyryldy. «Humboldt» işe girizilenden soň, Ýuwaş umman sebitinde sanly aragatnaşyklaryň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny ýokarlandyrar» diýip, «Google»-niň wekilleri belleýärler.**

**«Günorta Amerika bilen Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň arasynda optiki-süýümli göni baglanyşyk Çili**




**hökümetiniň 2016-njy ýyldan bäri maksady bolup gelýärdi we «Google» kompaniýasy bu pikiri durmuşa geçirmek üçin hyzmatdaşlyk edýär» diýlip, beýanatda bellenilýär.**

**– Çili tehnologiýanyň soňky gazananlaryny ornaşdyrmakda öňdebaryjydyr we hökümet bu ugurda täze maýa goýumlaryň çekilmegi üçin zerur şertleri döredýär – diýip, Çiliniň ulag we telekommunikasiýa ministri Huan Karlos Muoz aýtdy. Onuň sözlerine görä, «Google» ýaly kompaniýalaryň gyzyklanmasy Çiliniň dogry iş edýändigini görkezýär. Ministr halkyň hal-ýagdaýyny we durmuş derejesini ýokarlandyrmaga kömek etjek ösüşi gazanmak üçin öz mümkinçiliklerinden peýdalanýandygyny aýtdy.**

**Taslama Çiliniň jemgyýetçilik infrastruktura gaznasy «Desarrollo Pais» we fransuz Polineziýasynyň poçta we telekommunikasiýa bölümi (OPT) bilen bilelikde amala aşyrylýar. Kabeli 2026-njy ýyla çenli gurup ulanmaga bermek meýilleşdirilýär.**




# «Bombardier B-12» GAR ULAGY

**1900-nji ýyllarda gyş paslynyň gelmegi bilen Kanadanyň obalyk sebitlerine gidip-gelmek kynçylygy ýüze çykypdyr. Garyň köp ýagmagy bilen oba ýaşaýjylary garda ýöreýän ulag serişdeleriniň ýokdugy sebäpli, şähere, hatda goňşy obalara gitmekde hem kynçylyk çekipdirler. Şol ýyllar suguna, ata goşulan arabalar sowuk sebitlerde ýaşaýanlaryň esasy ulagy bolupdyr. Bu ýagdaý 1930-njy ýyllara çenli dowam edip, garda ýöreýän ilkinji motorly ulaglar peýda bolup ugraýar. Motorly ulaglar ilkibaşda ýollary gardan arassalamak, ýük daşamak üçin ulanylýar.**

Kanadanyň Kwebek sebitiniň Walkur şäherçesinde doglan fransuz-kanada oýlap tapyjysy Arman Bombarde ýetginjeklik ýyllaryndan başlap garda ýöreýän ulagy işläp düzmegiň arzuwynda gezýär. Ol 1922-nji ýylda ýönekeý gar ulagyny işläp düzýär we 1927-nji ýylda garda ýöreýän «Bombardier» ulagy üçin patent alýar. Ol birnäçe synanyşyklardan soň 1937-nji ýylda «Bombardier» ulagynyň B-7 nusgasyny köpçülige hödürleýär. Garda batmazlygy üçin ulag tigirli däl-de, zynjyrly edilip ýasalýar. Maşynyň öň tarapyna bolsa tigriň ýerine lyža meňzeş edip tagta berkidýär. 7 adama niýetlenen gar ulagynyň gabarasy ilkibaşda agaçdyr deri bilen örtülýär. Bombarde bu ulagy kämilleşdirmegini dowam edip, 1942-nji ýylda «Bombardier Snowmobile Limited» kompaniýasyny esaslandyrýar. Şol ýyl hem garda ýöreýän ulagyň B-12 modelini işläp taýýarlaýar. Daşky görnüşi B-7-ä meňzeş garda ýöreýän ulagyň bu nusgasy metaldan ýasalyp, 12 adama niýetlenýär. Soňra bu ulagyň B-18, ýagny has uly bolan 18 orunlyk nusgasy hem öndürilýär. Şowly netije berensoň, ulagyň mekdep okuwçylaryny gatnatmaga niýetlenen sary reňklisi hem öndürilýär.



1950-nji ýyllarda «Bombardier» ulaglary Kanadanyň çetki ýaşaýyş merkezlerinde tiz kömek, mekdep awtobusy, poçta ulagy, ýolagçy awtobusy, taksi hyzmaty we tebigaty goramak hyzmatlarynda giňden peýdalanylýar. Garda ýöreýän «tomzaklar» sagatda 48 kilometr tizlik bilen hereket edip, 1945-1951-nji ýyllar aralygynda 2 müň 596 sanysy öndürilýär. 1950-nji ýyllaryň başynda bolsa, «Bombardier B-12» ulagynyň zynjyry polatdan däl-de, rezinden öndürilip başlanýar. Rezin zynjyr hem ýeňil, hemde taýgak buzuň ýüzüne demre görä has mäkäm «ýapyşýar». V-8 motorly, propan gazy bilen işleýän, awtomatik geçirijili, sessiz işleýän «Bombardier B-12» inženerçiligiň ýokary derejesi hasaplanýar. Ulagyň penjireleri gäminiňki ýaly tegelek edilipdir. Şeýlelikde, doňan kölden barýan wagty buzuň döwülmegi bilen ulag suwa çümeninde, ýolagçylar aňsatlyk bilen halas bolup bilýärler. 1968-nji ýyldan soňra bolsa, «Bombardier» kompaniýasy «Ski-doo» atly bir we iki orunlyk iş ulagynyň köpçülikleýin önümçiligini ýola goýýar. Ilkinji gar motosikli hasaplanan «Ski-doo» halas ediş, awçylyk we hojalyk hyzmatlarynda ulanylyp, soňra Olimpiýa oýunlarynyň sport ulagy görnüşine hem girizilýär. Häzirki wagtda giňden ýaýran garmobilleriň ilkinji başlangyjy bolan «Ski-doo» motoulagy kompaniýanyň taryhynda iň gowy oýlap tapyşlaryň biri hasaplanýar.



2003-nji ýylda kompaniýanyň ady «Bombardier Recreational Products Inc.» diýlip üýtgedilýär. Häzirki wagtda «Bombardier» gar ulaglarynyň önümçiligi Kanadada, ABŞ-da, Meksikada, Finlýandiýada we Awstriýada alnyp barylýar.

## 24-nji ýanwar –

# HALKARA BILIM GÜNI




Bilim – geljegiň açary. Adamzat bilim almak arkaly dünýä akyl ýetirýär. Birleşen Milletler Guramasynyň başlangyjy esasynda dünýäniň birnäçe ýurdunda, esasan hem, Afrika ülkelerinde çagalaryň we ýetginjekleriň kämil derejede bilim almagy üçin birnäçe işler amala aşyrylýar. Çet ýerlerde ýaşaýan çagalaryň yzygiderli we üznüksiz bilim almagy, mekdepleri mugallymlar bilen üpjün etmek hemde mekdebe ulag gatnawyny ýola goýmak BMG-niň öňe sürýän esasy meseleleriniň biri bolup durýar. 2018-nji ýylyň dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan bilimiň derejesini artdyrmak, dünýä ýurtlaryndaky parahatçylygy berkitmek we ösüşleri öwrenmek maksady bilen 24-nji ýanwar «Halkara bilim güni» diýlip yglan edilýär. Bu ýyl Halkara bilim güni «Hemişelik parahatçylyk üçin öwrenmek» şygary astynda bellenilýär.

Halkara bilim güni mynasybetli mekdep okuwçylarynyň arasynda mugallyma hormat goýmak, durmuşyňyza täsir eden mugallym, öýde okamagy endik etmek, çalt okamak we köp okamak ýaly birnäçe çäreler geçirilýär. Amerika ýurtlarynda «Çagalara kömek ediň!» temada wagyz işleri alnyp barlyp, çet obalarda ýaşaýan üçünji synpa çenli okuwçylara okamagy öwretmek, okuw gollanmalary bilen üpjün etmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Soňky ýyllarda elektron kitaplaryň köpelmegi, internetde bilim platformalarynyň ýola goýulmagy çagalara web sahypalaryndan telefon ýa-da planşet arkaly bilim almaga mümkinçilik berýär. Çagalaryň mekdep meýilnamasyndan daşary onlaýn sapaklary almagy olaryň bilimlerini artdyrmaga, daşary ýurt dillerini aňsatlyk bilen öwrenmegine mümkinçilik berýär.

# DÜMEWDEN SOŇ IÝMELI IÝMITLER

**Gyş paslynda adamlar ýygy-ýygydan dümewleýärler. Dümewden soň wirus alamatlarynyň gaýtadan dikelmezligi üçin immuniteti güýçlendirmeli, bedeni zerur bolan witaminler bilen üpjün etmeli. Bilermenler dümewden soň düzüminde has köp witamin, mineral we antioksidant saklaýan iýmitleri iýmegi maslahat berýärler.**



**Nar** antioksidant güýje eýe bolan iň gowy miweleriň biri bolup, düzümindäki polifenollar öýjükleriň zeperlenmegini azaldýar. Şeýle hem öýjükleriň çişme alamatlarynyň döremeginiň öňüni alýar. Nary terligine iýmek oňaýly bolmasa, şiresini içip ýa-da işdäaçara goşup iýip bilersiňiz.

Sitruslar maşgalasyndan bolan **limon, pyrtykal we mandarin** ýaly miweler C witamininiň çeşmesi hasaplanýar. Sitrus miweleri erkin radikallara garşy göreşip, immuniteti güýçlendirýär. Mundan başga-da, narynç reňkli miweleriň düzümindäki gesperedin we apigenin ýaly flawonoidler beýnini goraýar we nerw bozulmalarynyň öňüni alýar. Her gün 1 apelsin iýmek we işdäaçara limonyň suwuny goşmak bilen bedeniň C witamine bolan zerurlygyny kanagatlandyryp bolýar.

**Ýumurtga** ýokary hilli belogy we aminokislotalary özünde jemleýän iýmit bolup, dümewden soň öýjükleriň zeperlenmeginiň öňüni alýar. Ertirlik naharynda ýumurtgany gaýnadyp iýmek has peýdaly hasaplanýar.

**Balyk** belogyň esasy çeşmesi bolup, immuniteti güýçlendirýär. Hepdede bir gezek balyk iýmek insult we ýüregagyry töwekgelçiligini azaldýar. Gaýnadylýandygyna, gowrulýandygyna ýa-da közde bişirilýändigine garamazdan, ýagly balyk iýmek has peýdaly hasaplanýar.

**Brokkoli** gök önümleriň arasynda witaminlere iň baý hasaplanýar. C, K witaminini, bioaktiw birleşmeleri özünde jemleýän kelemiň bu görnüşi immuniteti güýçlendirip, çişme howpuny azaldýar. Şeýle hem düzümindäki süýüm birleşmeleri ýürek-damar saglygyny gorap, iýmit siňdirişi ýeňilleşdirýär.

**Käşiriň** düzümindäki betakarotin atly antioksidantlar immuniteti güýçlendirýär. Mundan başga-da, käşirde saklanýan A, K witamini we kaliý gan aýlanyşyny kadalaşdyrýar. Her gün 1-2 käşir iýmek görşüň gowulanmagyna ýardam edýär.

**Zenjebil** saglyk üçin peýdaly iýmitleriň biri bolup, ýürek bulanma täsirini azaldýar. Bedeni bakteriýalardan we wirusdan goraýar. Zenjebil çaýy immuniteti güýçlendirip, çişme alamatlaryny azaldýar.

**Bal** gymmatly antioksidantlary özünde jemleýän tebigy iýmit bolup, üsgülewük alamatlaryny azaldýar. Ukynyň hilini gowulandyryp, ýaralary bejermäge kömek edýär. Bilermenler 1 ýaşamadyk bäbeklere bal iýdirmegi maslahat bermeýärler.

**Suw** dümew alamatlaryny ýeňip geçmek üçin iň gowy tebigy serişdeleriň biridir. Adam dümewlän wagty köp mukdarda suwuklyk ýitirýär. Munuň öwezini her gün 8-10 bulgur suw içmek arkaly dolmaly ýa-da çorbadyr ösümlik çaýlaryny köpräk içmeli.

## ÇAGALAR

**Çagalyk döwründe düýş görmek has ösen derejä eýe bolup, adatça her gün diýen ýaly düýş görülýär. Adam ulaldygyça düýşler hem azalýar.**

# «SESLI KITAP» OKAMAGY ÝEŇILLEŞDIRÝÄR

Soňky ýyllarda kitapdyr çeper eserleri okyjylara has täsirli ýetirmek maksady bilen birnäçe usullar oýlanyp tapyldy. Şolaryň biri hem «sesli kitaplar» hasaplanýar. Elektron kitaphanalaryň ýörgünli bolmagy bilen kitabyň sesli (mp3) we şekilli (mp4) görnüşleri hem döredildi. Indi kitaby ýanyň bilen götermezden ýolda, arakesmede telefondan okap ýa-da diňläp bolýar. Taryhy maglumatlardan belli bolşy ýaly, geçen asyrlarda rowaýatlar, dessanlar, goşgular, umuman halk döredijilik eserleri dilden dile geçip, ýatdan aýdylypdyr. Adamlar Gün ýaşandan soň, agşamlaryna obanyň suhangöý adamynyň öýüne üýşüp dessandyr goşgy diňläpdirler, erteki aýdyp wagtyny gyzykly geçiripdirler. Bir zady sesli diňlemek okanyňdan has täsirli bolup, ýadyňda uzak wagtlap saklanýar. Terbiýeçilik ähmiýetli eserlerdir goşgulary sesli diňlemek ýatkeşligi ösdürýär, beýniniň işjeňligini artdyrýar. Täze garaýyşlaryň döremegine getirýär. Häzirki wagtda internet sahypalarynda «sesli kitap» platformalarynyň köpelmegi bilen kitap diňleýjileriň sany gün-günden artýar. Wagty ýerlikli peýdalanmaga mümkinçilik berýän audiokitaplar jemgyýetçilik ýerlerinde ünsüňi sowmazdan täze zatlary öwrenmäge ýardam edýär.







«Sesli kitap» okyjylarynyň sany her ýurtda her dürli. ABŞ we Demirgazyk Ýewropa ýurtlary audiokitaplary diňlemekde öňdäki orunlary eýeleýär. Bu ýurtlarda köp ýyllardan bäri neşir edilen kitabyň ýany bilen ses ýazgyly nusgasy bilelikde berilýär.

Bilermenler «sesli» kitaplaryň kagyz kitabyň ornuny tutmaýandygyny belleýärler. Okyjylaryň esasy bölegi kagyz kitaplara uly isleg bildirýär. Emma kagyz kitaby okamaga şertiň ýok ýerinde aýdym diňleýän ýaly, gulaklyk dakyp kitap diňlemegiň artykmaçlygynyň bardygy bellenilýär. «Sesli kitaplaryň» arasynda çagalar edebiýatyna degişli kitaplar öňdeligi eýeläp, ondan soňra dil öwredýän audiokitaplar hem-de çeper eserler gelýär. Boş wagtyň ýa-da iş arasynda kitap diňlemek ýatkeşligiň ösmegine, öwrenenleriňi gaýtalamaga hem-de bilimiňi kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Bilermenler, esasan hem, dil öwrenýän ýetginjeklere audiokitaplary yzygiderli diňlemegi maslahat berýärler. «Sesli kitaplary» ýolda, ünsi talap edýän işleri ýerine ýetirýän pursadyň ýa-da awtoulag dolandyrýan wagtyň diňlemek maslahat berilmeýär.

# Düýş – arzuwlar we başdangeçirmeler dünýäsi



Düýş arzuwlar, pikirler we duýgular esasynda döreýän ukudaky başdangeçirmeler hasaplanýar. Adam uly arzuwlar bilen ýaşaýar. Arzuwlaryna ýetmek üçin pikir ýöredýär hem-de alada edýär. Görülýän düýşleriň 75-80 göterimi gündizki hereketler, oý-pikirler bilen bagly bolup, täsirli we üýtgeşik görnüşde düýşümize girýär. Mysal üçin, guş ýaly uçmak, arzuw edýän ýerimize syýahat etmek, doglan günüňe garaşýan sowgadyň berilmegi, öň gorkup gaçýan güjügiňiziň siziň ýanyňyza gelip dostlaşmagy, sapakda gowy baha alyp, mugallymyň öwgüsine mynasyp bolmak we ş.m.

Bilermenler düýş bilen bagly kesgitlemelerde begençli ýa-da gorkuly wakanyň aňasty aňda täsir galdyrmagy esasynda döreýändigini belleýärler. Ukudaky başdangeçirmeler gaýtalanýan düýşler, oraşan düýşler, arzuwly düýşler we gorkuly düýşler ýaly birnäçe topara bölünýär. Çagalyk döwründe düýş görmek has ösen derejä eýe bolup, adatça her gün diýen ýaly düýş görülýär. Adam ulaldygyça düýşler hem azalýar. Käbir adam bütin ömründe 1-2 gezek düýş görýär. Käbir adam bolsa, bir gijäniň dowamynda 3-4 düýş görýär.

**DÜÝŞÜŇ DOWAMLYLYGY NÄÇE WAGT?**

Adatça düýşüň dowamlylygy birnäçe sekuntdan geçmeýär. Ýöne biz oýananymyzda, düýşümizde 1-2 sagada çeken wakany başdan geçiren ýaly duýýarys. Käte ukudan oýananymyzda düýşümiziň dowamyny görmek isleýäris. Käte gören düýşümiz anyk ýadymyza düşýär, käte düýşümizi ýadymyza salyp bilmeýäris. Bu ýagdaý beýniniň işjeňligi bilen bagly bolup, ýadawlyk, howa şerti hem-de saglyk ýagdaýymyz oňa täsir edýär. Düýşleriň arzuwlar esasynda döreýändigi sebäpli, oňa ynanmak we ukudaky wakalary gözlemek ýa-da ýerine ýetirmek nädogry hasaplanýar. Düýşler adamy arzuwly durmuşa ataryp, bagtly geljege ruhlandyrýar.



# Nädip emele gelýär?

**Gyş paslynda duş gelýän hadysalaryň biri hem ümür bolup, oňa «Ýerdäki bulut» hem diýilýär. «Bulutlaryň arasynda ýöremegi» köpler halaýan hem bolsa, dumanly howa ýol-ulag hereketlerinde dürli päsgelçilikleri döredýär. Eýsem, bu hadysa nädip emele gelýär?**

Suw bugy ýa-da gaz görnüşindäki suw damjalary ýygnanyp dumany emele getirýär. Duman howadaky çyglylyk güýçlenende ýüze çykýar. Bu hadysanyň emele gelmegi üçin tozanly howa, şeýle hem suw damjalary gerek. Gyş paslynda duman köplenç gijelerine emele gelip, Gün çykyp, howanyň ýylamagy bilen ýitip gidýär. Şemala we howadaky çyglylyga baglylykda duman gysga we uzak wagtlyk, ýukarak hem-de galyňrak görnüşde döräp bilýär. Dünýäniň birnäçe ýurdunda dumandan içimlik we ekerançylyk üçin suw alynýar.




Sanlary birleşdiriň!



Şekili reňkläň!



Labirint



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



## Transfer täzelikleri

- «Tottenham» toparynyň horwatiýaly ýyldyzy Iwan Perişiç 18 ýyldan soň öz ýurdunyň çagalyk ýyllarynda çykyş eden kluby «Haýduk Splite» dolanyp, 34 ýaşyndaky ýarymgoragçy möwsümiň ahyryna çenli kärendesine şertnama baglaşdy.
- Italiýanyň «Ýuwentus» kluby Fransiýanyň «Lill» toparyndan portugaliýaly goragçy Tiago Džalony 3,6+2,6 million ýewro transfer edip, 21 ýaşyndaky oýunçy bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.
- «Serie A»-nyň wekillerinden «Sassuolo» ýurduň başga bir topary «Weronanyň» 21 ýaşyndaky şotland goragçysy Joş Doýgy 6+1 million ýewro düzümine goşdy.
- Fransiýanyň «Marsel» topary Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparynyň 23 ýaşyndaky kamerunly hüjümçisi Faris Pemi 3,5 ýyllyk şertnama bilen 8 million ýewro transfer etdi.
- «La Liganyň» wekillerinden «Selta» topary iňlis kluby «Nýukasldan» 29 ýaşyndaky ispaniýaly goragçy Hawier Mankiliony transfer edip, onuň bilen 1,5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi.
- Niderlandlaryň «Aýaks» kluby 6 aý öň «Liwerpuldan» 14,5 million ýewro Saud Arabystanynyň «Al-Ittifak» toparyna geçen angliýaly Jordan Hendersony transfer edip, amsterdamlylar 32 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 2,5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi.
- 36 ýaşyndaky çilili ýarymgoragçy Arturo Widal Braziliýanyň «Atletiko Paranaense» toparyndan 17 ýyldan soň karýerasyndaky ilkinji klubuna, ýurdunyň «Kolo Kolo» toparyna dolandy.



### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*26-njy ýanwar (anna)*

**Çelsi – Aston Willa (00:45)**
**Tottenham – Man. Siti (01:00)**

*27-nji ýanwar (şenbe)*

**Augsburg – Bawariýa (19:30)**
**Ştutgart – Leipsig (19:30)**
**Ýuwentus – Empoli (22:00)**
**Baýer – Borussiýa M (22:30)**
**Barselona – Wilýarreal (22:30)**
**Milan – Bolonýa (00:45)**
**Marsel – Monako (01:00)**

*28-nji ýanwar (ýekşenbe)*

**Selta – Žirona (18:00)**
**Feýenoord – Twente (18:30)**
**Liwerpul – Norwiç Siti (19:30)**
**Borussiýa D – Bohum (21:30)**
**Lasio – Napoli (22:00)**
**Las Palmas – Real Madrid (22:30)**
**Fiorentina – Inter (00:45)**
**PSŽ – Brest (00:45)**

*30-njy ýanwar (sişenbe)*

**N. Forest – Arsenal (00:30)**
**Barselona – Osasuna (01:00)**
**Aston Willa – Nýukasl (01:15)**

*31-nji ýanwar (çarşenbe)*

**Liwerpul – Çelsi (01:15)**

*1-nji fewral (penşenbe)*

**W. Hempton – M. Ýunaýted (01:15)**

# 3 ýygyndy ilkinji gezek 1/8 finala çykdy




Katarda dowam edýän 18-nji Aziýa Kubogynda Täjigistanyň, Palestinanyň, Siriýanyň ýygyndylary ilkinji gezek 1/8 finala çykmagy başardy.

**«A»** toparçadaky 3-nji duşuşyklarda Katar Hytaýy Al-Haýdosyň ýeke-täk goly bilen ýeňdi. Täjigistan bolsa garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, oýnuň 2-nji ýarymyny 1 oýunçy kem oýnan Liwany 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu netijelerden soň, Katar 10 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýän çempionatynda 9 utuk bilen 1-nji orny eýeledi. Täjigistanyň ýygyndysy bolsa ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda 1/8 finala çykmagy başardy. Katar 9, Täjigistan 4, Hytaý 2, Liwan 1 utuk toplady.

**«B»** toparçada 2-nji duşuşyklarda Awstraliýa Siriýany 1–0, Özbegistan Hindistany 3–0 hasabynda ýeňdi. 3-nji duşuşyklarda Awstraliýa bilen Özbegistanyň ýygyndysy utuklary paýlaşyp, degişlilikde, toparçada 1–2-nji orunlary eýelediler. Hindistanyň ýygyndysyny Hribiniň ýeke-täk goly bilen ýeňen Siriýanyň ýygyndysy 3-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy 4 toparyň biri bolup, taryhynda ilkinji gezek 1/8 finala çykdy. Topara argentinaly meşhur hünärmen Hektor Kuper tälim berýär. Toparçada Awstraliýa 7, Özbegistan 5, Siriýa 4 utuk toplan bolsa, Hindistan utuk gazanyp bilmedi.



**«C»** toparçada 2-nji oýunlarda Eýranyň ýygyndysy Gonkongy 1–0 hasabynda ýeňse, Palestina bilen BAE deňme-deň oýnady. 3-nji duşuşyklarda Eýran Tareminiň gollary bilen BAE-ni 2-1 hasabynda utdy. Palestina hem Gonkongyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirip, taryhynda ilkinji gezek ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Toparçany Eýran 9, BAE hem-de Palestina 4 utuk bilen tamamlasa, Gonkonga utuk gazanmak başartmady.

**«D»** toparçada Yragyň Ýaponiýany Husseiniň gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňmegi toparçalaryň garaşylmadyk netijeleriniň biri boldy. Ýaponiýanyň ýygyndysy 3-nji duşuşygynda Uedanyň 2 gol geçiren oýnunda Indoneziýany 3-1 hasabynda utdy. Netijede, toparçada Yrak 9, Ýaponiýa 6 utuk bilen ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy.

Aziýa Kubogynda 1/8 finalyň duşuşyklary 28–29–30–31-nji ýanwarda geçiriler. Her gün 2 duşuşyk geçirilip, olaryň birinjisi 16:30-da, ikinjisi 21:00-da başlar.

**1/8 FINALYŇ DUŞUŞYKLARY**

**28-nji ýanwar:** Awstraliýa — «C» ýa-da «D» toparçanyň 3-njisi (16:30), Täjigistan — BAE (21:00)

**29-njy ýanwar:** Yrak — «E» ýa-da «F» toparçanyň 3-njisi (16:30), Katar — «C» ýa-da «E» toparçanyň 3-njisi (21:00)

**30-njy ýanwar:** Özbegistan — «F» toparçanyň 2-njisi (16:30), «F» toparçanyň 1-njisi — «E» toparçanyň 2-njisi (21:00)

**31-nji ýanwar:** «E» topaçanyň 1-njisi — Ýaponiýa (16:30), Eýran — Siriýa (21:00)

| | |
|---|---|
| A | **Katar—Hytaý: 1–0** (Al-Haýdos 66), **Täjigistan—Liwan: 2–1** (Umarbaýew 80, Hamrokulow 90+2 – Jradi 47) |
| B | **Siriýa—Awstraliýa: 0–1** (Irwin 59), **Hindistan—Özbegistan: 0–3** (Faýzullaýew 4, Sergeýew 18, Nasrullaýew 45+4), **Awstraliýa—Özbegistan: 1–1** (Boýl 45+1 p — Turgunboýew 78), **Siriýa—Hindistan: 1–0** (Hribin 76) |
| C | **Palestina—BAE: 1–1** (Nasser 50 ö.d. — Adil 23), **Gonkong—Eýran: 0–1** (Gaýedi 24), **Eýran—BAE: 2–1** (Taremi 26, 55 — Al-Gassani 90+3), **Gonkong—Palestina: 0–3** (Dabbah 12, 60, Kundar 48) |
| D | **Yrak—Ýaponiýa: 2–1** (Hussein 5, 45+4 — Endo 90+3), **Wýetnam—Indoneziýa: 0–1** (Asnawi 42 p), **Ýaponiýa—Indoneziýa: 3–1** (Ueda 6 p, 52, Hubner 88 ö.d. — Walş 90+1), **Yrak—Wýetnam: 3–2** (Sulaka 47, Hussein 73, 90+12 p — Wiet Anh 42, Kuang Hai 90+1) |
| E | **Iordaniýa—Günorta Koreýa: 2–2** (Park Ýon-Wu 37 ö.d., Al-Naimat 45+6 — Hyn Min Son 9 p, Al-Arab 90+1 ö.d.), **Bahreýn—Malaýziýa: 1–0** (Madan 90+5), |
| F | **Oman—Tailand: 0–0, Gyrgyzystan—Saud Arabystany: 0–2** (Kanno 35, Al-Gamdi 84) |

# Çempion ýer eýeleri bilen duşuşar




Kot-d'Iwuarda dowam edýän 34-nji Afrika Milletler Kubogynda 1/8 finala çykan toparlar belli boldy.

**«A» toparçada** Ekwator Gwineýasy bilen Nigeriýanyň ýygyndylary 7 utuk toplap, 1–2-nji orny eýelediler. Soňky 2 duşuşygynda ilki 1–0, soňra 4–0 hasaplar bilen utulan ýer eýeleri Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy 3-nji orny eýelänleriň arasynda iň gowy 4 toparyň biri bolup, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy.

**«B» toparçada** Kabo Werdeniň ýygyndysy 7 utuk bilen 1-nji orna mynasyp boldy. 3 duşuşygyny hem 2-2 hasabynda deňlikde tamamlan yklymyň iň köp çempionlyk gazanan topary —Müsüriň ýygyndysy ne ýeňiş gazandy, ne-de ýeňildi. 3 utuk toplan müsürliler 2-nji orny eýeledi. Gananyň ýygyndysy 2 utuk bilen toparçada 3-nji orny eýeläp, bassyr 3-nji gezek toparçadan çykyp bilmedi.

**«C» toparçada** soňky çempion Senegalyň ýygyndysy Kameruny 3–1, Gwineýany-da 2–0 hasaplar bilen utdy. Olar toparçada 9 utuk bilen 1-nji orny eýeledi. 3-nji duşuşygynda Gambiýany soňky minutlarda Woohyň geçiren goly esasynda 3–2 hasap bilen ýeňen Kamerun hem ýaryşy dowam etdirer. Toparçada Kamerun bilen utugy (4 utuk) deň bolan Gwineýanyň ýygyndysy 3-nji orny eýeläp, 1/8 finala çykdy.

**«D» toparçada** ýeňlişsiz 7 utuk toplan Angola 1-nji, Burkino Faso 2-nji, Mawritaniýa 3-nji orny eýeläp, ýaryşy dowam etdirerler. Düzüminde ýyldyz oýunçylary bolan 2019-njy ýylyň çempiony Alžir üçin çempionat tamamlandy. Mawritaniýa ilkinji gezek 1/8 finala çykdy.

**«E» toparçadaky** duşuşyklaryň 3-si deňlikde tamamlandy. Netijede, Mali 5, Günorta Afrika bilen Namibiýa 4 utuk toplap, nobatdaky tapgyra atlaryny ýazdyran toparlar boldy. Namibiýanyň ýygyndysy ilkinji gezek toparçadan çykmagy başardy. Tunis üçin bolsa ýaryş wagtyndan ir tamamlandy.

**«F» toparçada** çempionlygyň dalaşgärlerinden Marokko Kongo DR bilen deňme-deň oýnanyndan soň, Zambiýany Ziýeşiň goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi we 1-nji orny eýeledi. 3 duşuşygyny-da deňlikde tamamlan Kongo DR-niň ýygyndysy 2-nji ýeri eýeläp, 1/8 finala çykdy.

**1/8 FINALYŇ DUŞUŞYKLARY**

1/8 finalda 27-nji ýanwarda Angola—Namibiýa (22:00), Nigeriýa—Kamerun (01:00), 28-nji ýanwarda Ekwator Gwineýasy—Gwineýa (22:00), Müsür—Kongo DR (01:00), 29-njy ýanwarda Kabo Werde—Mawritaniýa (22:00), Senegal—Kot-d'Iwuar (01:00), 30-njy ýanwarda Mali—Burkino Faso (22:00) hem-de Marokko—Günorta Afrika (01:00) duşuşyklary geçiriler.

| | |
|---|---|
| A | **Ekwator Gwineýasy—Gwineýa-Bissua: 4–2** (Nsue 21, 51, 61, Miranda 46 — Esteban 37 ö.d., Ze Turbo 90+3), **Kot-d'Iwuar—Nigeriýa: 0–1** (Troost-Ekong 55 p), **Ekwator Gwineýasy—Kot-d'Iwuar: 4–0** (Nsue 42, 75, Ganet 73, Buýla 88), **Gwineýa-Bissau—Nigeriýa: 0–1** (Sangante 36 ö.d.) |
| B | **Müsür—Gana: 2–2** (Marmuş 69, Mostafa 74 — Kudus 45+3, 71), **Kabo Werde—Mozambik: 3–0** (Bebe 32, Mendes 51, Pina 69), **Mozambik—Gana: 2–2** (Geni 90+1 p, Mandawa 90+4 — J. Aýew 15 p, 70 p), **Kabo Werde—Müsür: 2–2** (G. Tawares 45+1, Teişeira 90+9 — Trezege 50, Mostafa 90+3) |
| C | **Senegal—Kamerun: 3–1** (I. Sarr 46, H. Diallo 71, Mane 90+5 — Kastelletto 83), **Gwineýa—Gambiýa: 1–0** (A. Kamara 69), **Gwineýa—Senegal: 0–2** (Sek 61, I. Ndiaýe 90), **Gambiýa—Kamerun: 2–3** (Jalow 72, E. Kolleý 85 — Toko Ekambi 56, Gomes 87 ö.d., Wooh 90+1) |
| D | **Alžir—Burkino Faso: 2–2** (Bunedjah 51, 90+5 — M. Konate 45+3, Traore 71 p), **Mawritaniýa—Angola: 2–3** (Amar 43, Koita 58 — Dala 30, 50, Jilberto 53), **Angola—Burkino Faso: 2–0** (Mabululu 36, Zini 90+2), **Mawritaniýa—Alžir: 1–0** (Ýali 37) |
| E | **Tunis—Mali: 1–1** (Rafia 20 — Sinaýoko 10), **Günorta Afrika—Namibiýa: 4–0** (Tau 14 p, Zwane 25, 40, Maseko 75), **Günorta Afrika—Tunis: 0–0, Namibiýa—Mali: 0–0** |
| F | **Marokko—Kongo DR: 1–1** (Hakimi 6 — Silas 76), **Zambiýa—Tanzaniýa: 1–1** (Daka 88 — Msuwa 11), **Tanzaniýa—Kongo DR: 0–0, Zambiýa—Marokko: 0–1** (Ziýeş 37) |





# 46-njy Dakar Rallisi tamamlandy

Dünýäniň iň kyn ýaryşlarynyň biri hasaplanýan Dakar Ralli bäsleşigi tamamlandy. Saud Arabystanynda bassyr 5-nji, umumylykda-da 46-njy gezek geçirilen Dakar Ralli ýaryşynda ýeňil ulaglaryň sürüjileriniň arasynda ispaniýaly meşhur sürüji Karlos Saýns ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň adyndan «Audi» kysymly ulag bilen bäsleşen tejribeli sürüji pellehana 48 sagat 15 minut 18 sekuntda gelmegi başardy. Bu onuň 2010-njy, 2018-nji we 2020-nji ýyllardan soň 4-nji çempionlygy boldy. Karlos Saýns ýeke tapgyrda-da ýeňiji bolman, ol 6-njy tapgyrdan soň umumy sanawdaky birinjiligini ýaryşyň soňuna çenli saklamagy başardy.

Bu görnüşde «Red Bull» toparynyň başga bir sürüjisi, «Toyota» ulagy bilen ýaryşa gatnaşan belgiýaly Giýom de Mewius 2-nji ýeri eýeledi (49:35:43). Ýeňijiden 1 sagat 29 minut 12 sekunt yza galan fransiýaly meşhur sürüji Sebastian Lýob «Prodrive» kysymly ulagy bilen 3-nji orna mynasyp boldy.

Motosiklçileriň arasynda «Honda» toparynyň amerikaly sürüjisi Riki Brabek ýeňiş gazandy. Pellehana 51 sagat 30 minut 8 sekuntda gelen sürüji 4 ýyldan soň Dakar Rallisinde çempion bolmagy başardy. 6-njy tapgyrdan soň birinjiligi özünde saklan Brabek 2020-nji ýylda-da çempionlyk gazanypdy. 46-njy Dakar Rallisinde motosiklçileriň arasynda ýeňijiden 10 minut 53 sekunt soň pellehana gelen «Hero» toparynyň botswanaly sürüjisi Ross Branç 2-nji ýeri eýeledi. «Hondanyň» fransuz sürüjilerinden Adrien wan Beweren 3-nji orna mynasyp boldy.



Ýük ulaglaryna erk edýänleriň ýaryşynda «Iveco» toparynyň çehiýaly sürüjisi Martin Maçik 54 sagat 34 minut 38 sekuntda ýaryşy tamamlap, 1-nji orny eýeledi. «Praga» toparyndan başga bir çehiýaly sürüji Aleş Loprais 2-nji, «Iveco» toparynyň niderland sürüjisi Mitçel wan den Brink münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Kwadrosiklçileriň ýaryşynda «Yamaha» toparynyň argentinaly piloty Manuel Anduhar ýeňiş gazandy. 64 sagat 16 minut 53 sekuntda ýaryşy tamamlan sürüji 2021-nji ýyldan soň 2-nji gezek Dakaryň çempiony bolmagy başardy. Mundan öňki 2 bäsleşigiň çempiony, fransiýaly Aleksander Žiru («Yamaha») bu gezek 2-nji ýer bilen oňňut etmeli boldy. Ol ýeňijiden 7 minut 59 sekunt az netije görkezdi. Ýaryşda sloweniýaly Ýuraý Warga («Yamaha») 3-nji orny eýeledi.

«Challenger (T3)» görnüşli ulaglar boýunça-da «Taurus» toparyndan ispaniýaly zenan sürüji Kristina Gutierres, «SSV (T4)» görnüşli ulag sürüjileriniň arasynda-da «Polaris» toparynyň fransiýaly sürüjisi Ksawie de Sultra 1-nji orna mynasyp boldy. Kristina Gutierres Dakaryň taryhynda ýeňiji bolan 2-nji zenan sürüjidir.



# Italiýanyň Super Kubogyny ýene-de «Inter» gazandy

Italiýanyň Super Kubogy ýaryşynyň finalynda «Inter» bilen «Napoli» toparlary duşuşdylar. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherindäki KSU stadionynda geçirilen finalda «Inter» bilen «Napoli» toparlary duşuşyp, Milan şäheriniň wekili 1-0 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymy golsuz tamamlanan duşuşygyň 2-nji ýarymynda «Napoli» meýdançada 1 oýunçy kem galdy. 55-nji we 60-njy minutlarda sary kart alan Jowanni Simeone oýundan çykaryldy. Turuwbaşdan gorag taktikasyny saýlan «Napoliniň» böwedini böwüsmek «interlilere» 90-njy minutdan soň başartdy. 90+1-nji minutda Lautaro Martinesiň geçiren goly esasynda «Inter» bassyr 3-nji, umumylykda-da 8-nji gezek Italiýanyň Super Kubogyny gazandy. «Inter» bu ugurda «Milandan» (7) öňe geçip, «Ýuwentusdan» (9) soň 2-nji orunda barýar. Bu ýeňiş «Interiň» tälimçisi Simone Inzaginiň tälimçilikdäki 5-nji Super Kubogydyr.

Ýaryşyň ýarym finalynda «Napoli» «Fiorentinany» (Simeone 22, Zerbin 84, 86), «Inter» bolsa «Lasiony» (Turam 17, Çalhanoglu 50 p, Frattesi 87) 3–0 hasabynda ýeňipdi.

### LA LIGA (21) — 30 gol

**Alawes—Kadiz: 1–0** (Rioha 51 p), **R. Wallekano—Las Palmas: 0–2** (Moleýro 35, Munios 83), **Wilýarreal—Malýorka: 1–1** (Serlot 45+1 — Lýabres 90+1), **Walensiýa—Atletik: 1–0** (Duro 61), **Selta—R. Sosiedad: 0–1** (Mendes 11), **Osasuna—Hetafe: 3–2** (Raul Garsiýa 9, Munios 31, Areso 80 — Maýoral 64, Maksimowiç 68), **Real Madrid—Almeriýa: 3–2** (Bellingam 57 p, W. Junior 67, Karwahal 90+9 — Ramazani 1, Edgar Gonzales 43), **Betis—Barselona: 2–4** (Isko 56, 59 — Torres 21, 48, 90+2, Feliks 90), **Žirona—Sewilýa: 5–1** (Dowbyk 13, 15, 19, Sygankow 56, Stuani 89 — Romero 10), **Granada—Atletiko: 0–1** (Morata 54)

### BUNDESLIGA (18) — 25 gol

**Bohum—Ştutgart: 1–0** (Bero 50), **Darmştadt—Aýntraht: 2–2** (Ýustwan 61, Wilhelmsson 90+5 — Nkunku 33, Knauff 51), **Köln—Borussiýa D: 0–4** (Malen 12, 61, Füllkrug 58 p, Mukoko 90+2), **Fraýburg—Hoffenhaým: 3–2** (Höler 37, Grifo 55, Şolloi 85 — Weghorst 57, Baýer 77), **Haýdenhaým—Wolfsburg: 1–1** (Ýens 45+2 ö.d. — Çerny 7), **Leipsig—Baýer: 2–3** (Simons 7, Openda 56 — Tella 47, Ta 63, Inkapie 90+1), **Bawariýa—Werder: 0–1** (Waýzer 59), **Borussiýa M—Augsburg: 1–2** (Sibaço 26 – Tits 47, Engels 51), **Maýns—Union Berlin** (soňa goýuldy)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 21 | 16 | 4 | 1 | 51-25 | 52 |
| 2 | REAL MADRID | 20 | 16 | 3 | 1 | 43-13 | 51 |
| 3 | BARSELONA | 20 | 13 | 5 | 2 | 40-24 | 44 |
| 4 | ATLETIK B | 21 | 12 | 5 | 4 | 38-21 | 41 |
| 5 | ATLETIKO M | 20 | 13 | 2 | 5 | 40-23 | 41 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 21 | 9 | 8 | 4 | 32-21 | 35 |
| 7 | WALENSIÝA | 21 | 9 | 5 | 7 | 27-24 | 32 |
| 8 | BETIS | 21 | 7 | 10 | 4 | 24-24 | 31 |
| 9 | LAS PALMAS | 21 | 9 | 4 | 8 | 21-17 | 31 |
| 10 | HETAFE | 20 | 6 | 8 | 6 | 26-28 | 26 |
| 11 | OSASUNA | 20 | 7 | 4 | 9 | 25-31 | 25 |
| 12 | R. WALLEKANO | 20 | 5 | 8 | 7 | 18-26 | 23 |
| 13 | ALAWES | 21 | 6 | 5 | 10 | 19-27 | 23 |
| 14 | WILÝARREAL | 21 | 5 | 5 | 11 | 28-42 | 20 |
| 15 | MALÝORKA | 21 | 3 | 11 | 7 | 19-25 | 20 |
| 16 | SELTA | 21 | 3 | 8 | 10 | 21-31 | 17 |
| 17 | SEWILÝA | 21 | 3 | 7 | 11 | 26-35 | 16 |
| 18 | KADIZ | 21 | 2 | 9 | 10 | 15-31 | 15 |
| 19 | GRANADA | 21 | 2 | 5 | 14 | 22-42 | 11 |
| 20 | ALMERIÝA | 21 | 0 | 6 | 15 | 21-46 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 14 |
| 2 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 13 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 13 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 18 | 15 | 3 | 0 | 50-14 | 48 |
| 2 | BAWARIÝA | 18 | 14 | 2 | 2 | 53-16 | 44 |
| 3 | ŞTUTGART | 18 | 11 | 1 | 6 | 38-23 | 34 |
| 4 | LEIPSIG | 18 | 10 | 3 | 5 | 40-21 | 33 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 18 | 9 | 6 | 3 | 37-25 | 33 |
| 6 | AÝNTRAHT | 18 | 7 | 7 | 4 | 29-22 | 28 |
| 7 | FRAÝBURG | 18 | 8 | 4 | 6 | 24-28 | 28 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 18 | 7 | 3 | 8 | 34-36 | 24 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 18 | 6 | 4 | 8 | 27-34 | 22 |
| 10 | AUGSBURG | 18 | 5 | 6 | 7 | 26-33 | 21 |
| 11 | WOLFSBURG | 18 | 6 | 3 | 9 | 22-29 | 21 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 18 | 5 | 5 | 8 | 35-38 | 20 |
| 13 | WERDER | 18 | 5 | 5 | 8 | 25-31 | 20 |
| 14 | BOHUM | 18 | 4 | 8 | 6 | 20-34 | 20 |
| 15 | UNION BERLIN | 17 | 4 | 2 | 11 | 17-32 | 14 |
| 16 | MAÝNS | 17 | 1 | 8 | 8 | 14-29 | 11 |
| 17 | KÖLN | 18 | 2 | 5 | 11 | 11--33 | 11 |
| 18 | DARMŞTADT | 18 | 2 | 5 | 11 | 22-46 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 22 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 12 |
| 4 | Wiktor BONIFASE (Ştutgart) | 10 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 9 |

# «Real Madridiň» 1000-nji ýeňşi we VAR

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» 21-nji tapgyryň çäginde «Real Madrid» öz meýdançasynda iň aşaky orunda barýan we şu möwsümde ýeke gezek hem ýeňiş gazanyp görmedik «Almeriýany» kabul etdi. Dartgynly



we jedelli pursatlara baý bolan duşuşygyň eýýäm 1-nji minutynda «Almeriýa» Ramazaniniň goly bilen öňe geçdi. Myhmanlar 43-nji minutda Edgar Gonzalesiň owadan goly bilen hasaby 2–0-a çykardy. 2-nji ýaryma 3 oýunçy çalşygy bilen başlan «Real Madridiň» ýeňiş gazanmagynda VAR uly rol oýnady. 57-nji minutda VAR-yň görkezmesi bilen eminiň «Realyň» peýdasyna bellän penaltisini Bellingam dürs urup, 1 aýdan soň gol geçirmegi başardy. 61-nji minutda «Almeriýa» topary ýene bir gol geçirdi. Ýöne VAR-yň görkezmesi bilen bu goluň başlangyjynda oýnuň düzgüni bozulandygy üçin ol hasaba alynmady. 67-nji minutda Winisius Junioryň «eli/egni» bilen geçiren goluny emin ilki hasap etmese-de, VAR-da geçirilen seljermeden soň gol hasaba alyndy we hasap deňlendi. Duşuşyga 11 minut goşulyp, 90+9-njy minutda Daniel Karwahal Bellingamyň pasyndan soň topy derweze girizip, «Reala» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, «Real Madrid» kynlyk bilenem bolsa «Almeriýany» 3–2 hasabynda ýeňip, çempionatda 14 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. «Real Madrid» topary «La Liganyň» taryhynda öz meýdançasynda garşydaşlarynyň 1-nji ýarymda 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 4-nji gezek ýeňiş gazanmagy başardy. Madridliler mundan öň 1943-nji, 1981-nji hem-de 2007-nji ýyllarda 1-nji ýarymda 2–0 utulyp barýarka ýeňiş gazanypdy. Şeýle-de, «Real Madrid» topary «La Liganyň» taryhynda öz meýdançasyndaky 1000-nji ýeňşini gazanan ilkinji topar boldy. «Real Madrid» «Santiago Bernabeudaky» 1000-nji ýeňşine 1297-nji duşuşygynda ýetdi. «Walensiýanyň» «Mestalýede» 906 (1455 oýunda), «Barselonanyň» «Kamp Nouda» 889 ýeňşi (1175 oýunda) bar.



Sanawyň lideri «Žirona» topary öz meýdançasynda «Sewilýany» kabul etdi. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen duşuşykda myhmanlar ilkinji bolup hasaby açsalaram, olar uly hasap bilen utuldy. 6 minutda 3 gezek tapawutlanan Dowbygyň, şol sanda Sygankowyň hem-de Stuaniniň gollary bilen 5–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Žironanyň» liderligi dowam edýär.

Geçen möwsümiň çempiony «Barselona» myhmançylykda «Betis» bilen duşuşyp, 4–2 hasabynda ýeňiş gazandy. «Barselona» toparynyň gollarynyň 3-sini, katalonlaryň düzümindäki 100-nji duşuşygynda het-trik eden Ferran Torres, beýlekisini-de Žoao Feliks geçirdi. «Betisde» Iskonyň geçiren gollary ýeňşe ýetmedi.

# Liga Kubogynyň finaly: «Çelsi» – «Liwerpul»

Angliýanyň Liga Kubogynyň finalyna çykan toparlar belli boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşyklarynda «Çelsi» öz meýdançasynda «Middlsbro» toparyny 6–1 hasabynda ýeňdi. 1-nji duşuşykda 1–0 hasabynda utulan «Çelsiniň» gollaryny Howson (15 ö.d.), Fernandes (29), Disasi (36), Palmer (42, 77) hem-de Madueke (81) geçirdi. Kubogy 5 gezek eýelän «Çelsi» 10-njy gezek finala çykdy.




«Çelsiniň» finaldaky garşydaşy «Liwerpul» bolup, Kloppuň şägirtleri myhmançylykda «Fulham» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 11-nji minutda Luiz Diazyň goluna ýer eýeleri 76-njy minutda Diopyň goly bilen jogap berdi. 1-nji duşuşykda «Liwerpul» 2–1 hasabynda ýeňipdi. «Liwerpul» bu kubogy 9 gezek eýeläp, olar 14-nji gezek finala çykmagy başardy.

Şunlukda, 25-nji fewralda Londondaky «Wembley» stadionynda «Çelsi» bilen «Liwerpul» duşuşar. Iki topar 2022-nji ýylda-da finalda duşuşyp, «Liwerpul» penaltileriň netijesinde ýeňşini baýram edipdi. Bu olaryň finaldaky 3-nji duşuşygy bolar.

# 16 ÝYLDAN SOŇ «BAWARIÝANY» ÝEŇDI

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Baýer» myhmançylykda «Leipsig» bilen duşuşyp, güýçli garşydaşyny soňky minutda ýeňmegi başardy. Çekeleşikli geçen oýunda «Leipsigiň» gollaryny Simons (7) bilen Openda (56), «Baýeriň» gollaryny bolsa Tella (47), Ta (63) hem-de Inkapie (90+1) geçirdi. «Baýer» ähli ýaryşlary hasaba alanyňda 27 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we bu ugurda «Bawariýanyň» rekordyna golaýlap barýar (32 duşuşyk). Çempion «Bawariýa» öz meýdançasynda «Werder» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Werder» Mitçell Waýzeriň 59-njy minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Bawariýa» topary 16 ýyldan soň «Werderden» utuldy. Soňky gezek «Werderden» 2008-nji ýylda utulan «Bawariýa» şondan bäri 28 oýnuň 24-sinde



ýeňiş gazandy. Dortmundyň «Borussiýasy» bolsa Maleniň 2 gol geçiren oýnunda myhmançylykda «Kölni» 4–0 hasabynda utup, bassyr 2-nji duşuşygynda üstün çykdy.

# 96-njy OSKAR BAÝRAKLARYNYŇ DALAŞGÄRLERI MÄLIM EDILDI

**Kino sungatynyň iň uly baýragy hasaplanýan Oskaryň, has takygy, Akademiýa baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Iň köp dalaşgärlik gazanan film ýylyň ençeme baýragyny çöplän «Oppenhaýmer» kinosy boldy. Film 13 ugur boýunça dalaşgärlige hödürlendi. Kristofer Nolanyň bu filmi Akademiýanyň taryhynda azyndan 13 ugurdan dalaşgär görkezilen 14-nji kino hökmünde hasaba alyndy. Gresiýaly režissýor Ýorgos Lantimosyň «Görgüli betbagtlar» filmi 11, Martin Skorsezeniň «Dolan Aý ganhorlary» kinosy-da 10 ugur boýunça Oskaryň heýkeljiklerine hyrydar görkezildi. 1,5 milliard dollara golaý girdeji gazanan «Barbi» filminiň 8, «Maestro» filminiň 7 dalaşgärligi bar.**

**Kompozitor Jon Williams 54-nji gezek dalaşgär görkezilip, ol bu ugurda Wolt Disneýden soň iň köp dalaşgärligi bolan, şol sanda 91 ýaş bilen Oskara dalaşgär görkezilen iň ýaşuly şahsyýetdir.**

**96-njy Oskar baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy 10-njy martda Los Anjelesdäki «Dolby» teatrynda geçiriler. Dabarany belli komediýaçy Jimmi Kimmel alyp barar.**

### IŇ GOWY FILM
- «Amerikan hekaýasy» (Amerikan Fiction)
- «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute)
- «Barbi» (Barbie)
- «Galdyrylanlar» (The Holdovers)
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon)
- «Maestro» (Maestro)
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- «Öten günler» (Past Lives)
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things)
- «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest)

### IŇ GOWY REŽISSÝOR
- Žýustin Trie – «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute)
- Martin Skorseze – «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon)
- Kristofer Nolan –«Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- Ýorgos Lantimos – «Görgüli betbagtlar» (Poor Things)
- Jonatan Gleýzer – «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest)

### IŇ GOWY AKTÝOR
- Bredli Kuper – «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon)
- Kolman Domingo – «Rastin» (Rustin)
- Pol Jiamatti – «Galdyrylanlar» (The Holdovers)
- Kilian Mörfi – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- Jeffri Raýt – «Amerikan hekaýasy» (Amerikan Fiction)

### IŇ GOWY AKTRISA
- Annette Bening – «Naýed» (Nyad)
- Lili Gladstoun – «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon)
- Sandra Hüller – «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute)
- Kari Malligan – «Maestro» (Maestro)
- Emma Stoun – «Görgüli betbagtlar» (Poor Things)

### IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTÝOR
- Sterling K. Brawn – «Amerikan hekaýasy» (Amerikan Fiction)
- Robert De Niro – «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon)
- Robert Dawni Junior – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- Raýan Gosling – «Barbi» (Barbie)
- Mark Ruffalo – «Görgüli betbagtlar» (Poor Things)

### IKINJI PLANDAKY IŇ GOWY AKTRISA
- Emili Blant – «Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- Danielle Bruks – «Melewşe reňk» (The Color Purple)
- Amerika Ferrera – «Barbi» (Barbie)
- Jodi Foster – «Naýed» (Nyad)
- Da'Win Joý Rendolf – «Galdyrylanlar» (The Holdovers)

### IŇ GOWY ASYL SSENARIÝ
- «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) – Žýustin Trie, Artur Harari
- «Galdyrylanlar» (The Holdovers) – Dewid Hemingson
- «Maestro» (Maestro) – Bredli Kuper, Joş Singer
- «Maý – dekabr» (May December) – Semi Burç
- «Öten günler» (Past Lives) – Selin Son

### IŇ GOWY ADAPTIRLENEN SSENARIÝ
- «Amerikan hekaýasy» (Amerikan Fiction) – Kord Jefferson
- «Barbi» (Barbie) – Greta Gerwig, Noa Baumbah
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Kristofer Nolan
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Toni MakNamara
- «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Jonatan Gleýzer

### IŇ GOWY HALKARA FILM
- «Men kapitan» (Io Capitano) – Italiýa – Matteo Garrone
- «Ajap günler» (Perfect Days) – Ýaponiýa – Wim Wenders
- «Gar jemgyýeti» (La sociedad de la nieve) – Ispaniýa – J.A. Baýona
- «Mugallymlar otagy» (Das Lehrerzimmer) – Germaniýa – Ilker Çatak
- «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest) – Birleşen Patyşalyk – Jonatan Gleýzer

### IŇ GOWY ANIMASIÝA
- «Oglan we guş» (Kimitachi wa Do Ikiru ka)
- «Elementler» (Elemental)
- «Nimona» (Nimona)
- «Robotyň arzuwy» (Robot Dreams)
- «Möý adam: möý älemine geçiş» (Spider-Man: Across the Spider-Verse)

### IŇ GOWY DOKUMENTAL FILM
- «Bobi Waýn: halkyň Prezidenti» (Bobi Wine: The People's President)
- «Ömürlik ýatlama» (La memoria infinita)
- «Dört gyz» (Four Daughters)
- «Gaplaňy öldürmek» (To Kill a Tiger)
- «Mariupolda 20 gün» (20 Days in Mariupol)

### IŇ GOWY GYSGA METRAŽLY DOKUMENTAL FILM
- «The ABCs of Book Banning» – Şeila Newins, Triş Adlesik
- «The Barber of Little Rock» – Jon Hoffman, Kristine Törner
- «Island in Between» – S. Leo Çian, Jin Sien
- «The Last Repair Shop» – Ben Praudfut, Kris Bowers
- «Nai Nai & Wai Po» – Şon Wan, Säm Dewis

### IŇ GOWY GYSGA METRAŽLY FILM
- «The After» – Misan Harriman, Niki Bentam
- «Invincible» – Wensen Rene-Lorti, Samuel Karon
- «Knight of Fortune» – Lasse Laýsker Noer, Kristian Norlyk
- «Red, White and Blue» – Nazrin Çoudhuri, Sara MakFarlan
- «The Wonderful Story of Henry Sugar» – Wes Anderson, Stiwen Rales

### IŇ GOWY GYSGA METRAŽLY ANIMASIÝA
- «Letter to a Pig» – Tal Kantor, Amit R. Giselter
- «Ninety-Five Senses» – Jeruşa Hess, Jared Hess
- «Our Uniform» – Ýegane Mogaddam
- «Pachyderme» – Stefani Klemen, Mark Rius
- «War Is Over! Inspired by the Music of John and Yoko» – Deýw Mullins, Bred Buker

### IŇ GOWY SAZ
- «Amerikan hekaýasy» (American Fiction) – Laura Karpman
- «Indian Jons we ykbal çarhy» (Indiana Jones and the Dial of Destiny) – Jon Williams
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Robbi Robertson
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Ludwig Göransson
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Jerskin Fendriks

### IŇ GOWY AÝDYM
- «The Fire Inside» – Flamin' Hot – Daýan Worren
- «I'm Just Ken» – «Barbi» (Barbie) – Mark Ronson, Andrýuw Waýatt
- «It Never Went Away» – «Amerikan simfoniýasy» (American Symphony) – Jon Batiste, Dan Wilson
- «Wahzhazhe (A Song for My People)» – «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Skott Jorj
- «What Was I Made For?» – «Barbi» (Barbie) – Billi Aýliş, Finneas O'Konnell

### IŇ GOWY ÇEPERÇILIK BEZEGI
- «Barbi» (Barbie) – Sara Grinwud, Keýti Spenser
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Jäk Fisk, Adam Willis
- «Napoleon» (Napoleon) – Artur Maks, Elli Griff
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Rut De Ýong, Kleýr Kaufman
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Jeýms Praýs, Şona Hit, Suza Mihalek

### IŇ GOWY OPERATOR
- «Graf» (El Conde) – Edward Lahman
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Rodrigo Prieto
- «Maestro» (Maestro) – Mattýuw Libatik
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Hoýte wan Hoýtema
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Robbi Raýan

### IŇ GOWY MAKIÝAŽ WE SAÇ
- «Golda» (Golda) – Karen Hartli Tomas, Suzi Battersbi, Aşra Kelli-Blu
- «Maestro» (Maestro) – Kazu Hiro, Kaý Georgiu, Lori MakKoý-Bell
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Luisa Abel
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Nadia Steýsi, Mark Kulier, Joş Weston
- «Gar jemgyýeti» (La sociedad de la nieve) – Ana Lopez-Puigserwer, Dawid Marti, Montse Ribe

### IŇ GOWY GRIM
- «Barbi» (Barbie) – Jeklin Dýurran
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Jeklin West
- «Napoleon» (Napoleon) – Jenti Ýeýts, Deýw Krossman
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Ellen Miroýnik
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Holli Waddington

### IŇ GOWY MONTAŽ
- «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) – Loren Senekal
- «Galdyrylanlar» (The Holdovers) – Kewin Tent
- «Dolan Aý ganhorlary» (Killers of the Flower Moon) – Telma Skunmeýker
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) – Jennifer Leým
- «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) – Ýorgos Mawropsaridis

### IŇ GOWY SES
- «Dörediji» (The Creator)
- «Maestro» (Maestro)
- «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: ölümli hasaplaşyk birinji bölüm» (Mission: Impossible – Dead Reckoning Part One)
- «Oppenhaýmer» (Oppenheimer)
- «Gyzyklanma zolagy» (The Zone of Interest)

### IŇ GOWY WIZUAL EFFEKTLER
- «Dörediji» (The Creator)
- «Godzilla minus bir» (Gojira Mainasu Wan)
- «Galaktikanyň goragçylary – 3» ( Guardians of the Galaxy Vol. 3)
- «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: ölümli hasaplaşyk birinji bölüm» (Mission: Impossible – Dead Reckoning Part One)
- «Napoleon» (Napoleon)








